## TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
## – GARAŞSYZ, HEMIŞELIK BITARAP DÖWLETIMIZIŇ ATA-BABALARYMYZYŇ YNSANPERWER ÝÖRELGELERINE ESASLANÝAN DAŞARY SYÝASATY WE DIPLOMATIÝASY MILLI MAKSATNAMALARYMYZY AMALA AŞYRMAK ÜÇIN HALKARA GIŇIŞLIKDE ZERUR ŞERTLERI DÖREDÝÄR.


# ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA
TÜRKMENISTAN
17-nji aprel, 2026. Belgisi 16/1686




# TÜRKMENISTAN – ITALIÝA: DÖWLETARA GATNAŞYKLARY ÖSDÜRILÝÄR

*15-nji aprelde hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Italiýa Respublikasynyň Türkmenistanda täze bellenilen Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi Martin Brugy kabul etdi. Ol döwlet Baştutanymyza ynanç hatyny gowşurdy.*

Ilçi wagt tapyp kabul edendigi üçin tüýs ýürekden hoşallyk bildirip, Italiýanyň Prezidenti Serjio Mattarellanyň hormatly Prezidentimize we Gahryman Arkadagymyza iberen mähirli salamyny, iň gowy arzuwlaryny ýetirdi. Şeýle hem diplomat parahatçylyk söýüjilikli daşary syýasaty durmuşa geçirýän Türkmenistanda Italiýa wekilçilik etmegiň özi üçin uly hormatdygyny aýdyp, Aşgabadyň binagärlik keşbiniň, ekologik derejesiniň özünde uly täsirleri galdyrandygyny belledi.

Hormatly Prezidentimiz ilçi Martin Brugy ýokary diplomatik wezipä bellenilmegi bilen gutlap, oňa iki ýurduň arasyndaky netijeli gatnaşyklary mundan beýläk-de ösdürmäge gönükdirilen işinde uly üstünlikleri arzuw etdi hem-de mümkinçilikden peýdalanyp, dostlukly ýurduň Prezidentine mähirli salamyny beýan etdi.

Duşuşygyň dowamynda bellenilişi ýaly, Türkmenistanyň daşary syýasatynda Ýewropa Bileleşigine agza ýurtlar bilen hyzmatdaşlygy ösdürmäge we berkitmäge uly ähmiýet berilýär. Şolaryň hatarynda Italiýa Respublikasy möhüm orny eýeleýär. Ýurtlarymyz Birleşen Milletler Guramasy, Ýewropa Bileleşigi, Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasy ýaly guramalaryň çäklerinde üstünlikli hyzmatdaşlyk edýärler. Geçen ýyl Gazagystan Respublikasynyň Astana şäherinde geçirilen «Merkezi Aziýa – Italiýa» formatyndaky birinji sammit munuň aýdyň mysalydyr.

Söhbetdeşler ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň gün tertibi boýunça pikir alyşmagyň dowamynda söwda-ykdysady, energetika, ulag-logistika, oba hojalygy ýaly ugurlarda gatnaşyklary giňeltmek üçin iki ýurduň hem uly mümkinçilikleriniň bardygyny nygtadylar. Türkmenistan ýangyç-energetika pudagynda hyzmatdaşlygy ösdürmäge aýratyn üns berýär. Bu ugurda öňdebaryjy italýan kompaniýalary bilen netijeli gatnaşyklar ýola goýuldy. Şunuň bilen baglylykda, «Eni» italýan kompaniýasy bilen alnyp barylýan netijeli hyzmatdaşlyga üns çekildi. Bu kompaniýa Türkmenistanyň ýangyç-energetika pudagynda iri taslamalary üstünlikli durmuşa geçirýär.

Ulag-logistika ulgamy ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň wajyp ugurlarynyň hatarynda bellenildi. Ýurdumyzda Ýewraziýa giňişliginde ulag gatnawlaryny ösdürmek boýunça iri taslamalaryň birnäçesi tapgyrlaýyn amala aşyrylýar. Türkmenistan sebitiň ýurtlary, abraýly halkara guramalar bilen bilelikde Demirgazyk – Günorta we Gündogar – Günbatar ýaly geljegi uly ulag geçelgelerini işjeň ilerledýär. Şunuň bilen baglylykda, bu ulag geçelgeleriniň Ýewraziýa yklymynyň ýurtlarynyň arasynda hyzmatdaşlygy, söwda-ykdysady gatnaşyklary ösdürmekde ygtybarly köpri bolup hyzmat edýändigi aýdyldy.

Medeniýet, bilim, ylym ulgamlary hem türkmen-italýan gatnaşyklarynyň möhüm ugurlarynyň hataryndadyr. Hususan-da, arheologiýa we muzeý işi boýunça hyzmatdaşlyk işjeň alnyp barylýar. Şunuň bilen bir hatarda, Türkmenistanda italýan dilini öwrenmäge uly gyzyklanma bildirilýär. Häzirki wagtda ýurdumyzyň ýokary okuw mekdeplerinde italýan dili öwredilýär.

Duşuşygyň ahyrynda diplomat Italiýada Türkmenistana hemişelik Bitaraplyk hukuk derejesine ygrarly, ygtybarly hyzmatdaş hökmünde garalýandygyny belläp, ilçi hökmünde iki ýurduň arasyndaky dostlukly gatnaşyklary mundan beýläk-de pugtalandyrmak üçin tagallalaryny gaýgyrmajakdygyna ynandyrdy.

* * *

Şol gün hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Koreýa Respublikasynyň Türkmenistanda täze bellenilen Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi Li Wonjeni kabul etdi. Ol döwlet Baştutanymyza ynanç hatyny gowşurdy.

## «Galkynyş» gaz käni – dünýäniň iri gaz ýatagy

Gahryman Arkadagymyzyň başlangyçlary, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary bilen ýurdumyzyň nebitgaz pudagy depginli ösýär. Türkmenistan dünýäniň energetika giňişliginde iň iri uglewodorod serişdelerine eýe bolan döwletleriň biri hökmünde özüniň baý mümkinçiliklerini ählumumy bähbitlere gönükdirýär. Ýurdumyzyň netijeli hyzmatdaşlyk strategiýasy diňe bir milli ykdysadyýeti berkitmek bilen çäklenmän, eýsem, sebit we dünýä bazarlarynyň energiýa durnuklylygyny üpjün etmäge hyzmat edýär.

Şu nukdaýnazardan, ýurdumyzyň baý nebitgaz ýataklaryny senagat taýdan özleşdirmek işlerine aýratyn ähmiýet berilýär. Şeýle ýataklaryň biri hem Mary welaýatynyň çäginde ýerleşýän iri nebitgaz ýatagy bolan «Galkynyş» gaz känidir.



Hormatly Prezidentimiziň pudaga daşary ýurt maýadarlaryny çekmek hem-de nebitgaz ulgamynda öňdebaryjy tehnologiýalara eýe bolan kompaniýalar bilen özara bähbitli hyzmatdaşlyk etmek babatdaky tagallalarynyň netijesinde «Galkynyş» gaz känini senagat taýdan özleşdirmek işi giň gerime eýe boldy.

Dünýäde ululygy boýunça öňdäki orunlaryň birini eýeleýän bu ägirt uly gaz käniniň tapgyrlaýyn özleşdirilmegi Türkmenistana tebigy gazyň ýurduň içinde hem-de halkara bazarlaryna ygtybarly we durnukly iberilmegini üpjün etmäge mümkinçilik berýär.

Tebigy gaz gorlarynyň möçberi boýunça ägirt uly hasaplanýan «Galkynyş» käninde gurlan gaz arassalaýjy we taýýarlaýjy baş desgalar toplumy 2013-nji ýylyň 4-nji sentýabrynda Gahryman Arkadagymyzyň we Hytaý Halk Respublikasynyň Başlygynyň gatnaşmagynda dabaraly ýagdaýda açylypdy.

Dünýäde iri gaz ýataklarynyň biri bolan «Galkynyş» gaz käniniň senagat taýdan ulanmaga berilmegi ýurdumyzyň energetika strategiýasyny amala aşyrmagyň, eksport gaz geçirijileriniň çig mal binýadyny berkitmegiň ýolunda örän möhüm ädim boldy. ■ 2

## Syýahatçylyk pudagyna bagyşlanan halkara forum

*14-16-njy aprelde Türkmenistanyň Söwda-senagat edarasynda «Turkmentravel – 2026» atly halkara syýahatçylyk sergisi we maslahaty geçirildi. Bu halkara çäre ýurdumyzyň syýahatçylyk pudagynyň ösüşine täze itergi bermek bilen bir hatarda, onuň dünýä giňişligindäki abraýyny has-da pugtalandyrmaga gönükdirilendir.*

Sergä ýurdumyzyň hem-de dünýä döwletleriniň syýahatçylyk kompaniýalarynyň, pudaklaýyn edaralarynyň we hünärmenleriniň gatnaşmagy özara tejribe alyşmaga, täze taslamalar bilen tanyşmaga hem-de hyzmatdaşlygyň täze ugurlaryny kesgitlemäge giň mümkinçilik döredýär. Forumda syýahatçylyk kompaniýalary bilen bir hatarda, Belarus, Pakistan, Türkiýe we Uganda ýaly ýurtlaryň syýahatçylyk mümkinçilikeri bilen tanyşdyrýan diwarlyklar görkezildi. Şu gezekki gözden geçirilişe ýurdumyzdan we daşary döwletlerden syýahatçylyk pudagynda iş alyp barýan 70-e golaý kompaniýa sergi diwarlyklary bilen gatnaşdylar.

Häzirki döwürde tutuş dünýäde syýahatçylyk pudagynyň ösdürilmegine uly üns berilýär. Ýurdumyzyň tebigy-syýahatçylyk we taryhy-medeni mümkinçilikleri, halkymyzyň özboluşly milli däpleri, şäherleriniň gaýtalanmajak binagärlik keşbi dünýä jahankeşdelerinde uly gyzyklanma döredýär. Munuň özi ýurdumyzyň syýahatçylyk ulgamyndaky halkara derejesiniň ýokarlanmagyny, dünýäniň syýahatçylyk bazarynda möhüm orun eýelemegini şertlendirýär.

Ýurdumyz taryhy we häzirki zaman binagärliginiň gözel ýerlerine syýahat ugurlary bilen birlikde, deňizýaka dynç alşyny guramakda hem döwrebap mümkinçiliklere eýedir. Şunda Hazar




deňziniň ekologiýa taýdan arassa türkmen kenarynda döredilen «Awaza» milli syýahatçylyk zolagy hemmeleriň söýgüsini gazanan täsin künjege öwrüldi. Bu ýerde myhmanhanalaryň, şypahanalaryň, ýaht-klublarynyň we kottej toplumlarynyň uly hatarlary emele getirildi.

Häzirki wagtda ildeşlerimiziň dünýäniň islendik künjegine dynç alyş, işewürlik, okuw, lukmançylyk we beýleki maksatly syýahatlary amala aşyrmaklary üçin giň mümkinçilikler döredilýär. ■ 2

## Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetinde Adaty däl lukmançylyk otagy açyldy

*15-nji aprelde Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetinde ýurdumyzda saparda bolýan Pekiniň hytaý lukmançylygy uniwersitetiniň rektory Tan Çžişunyň ýolbaşçylygyndaky wekiliýet bilen duşuşyk geçirildi. Onda iki ýurduň arasynda saglygy goraýyş ulgamynda ýola goýlan gatnaşyklaryň häzirki ýagdaýy we ony mundan beýläk-de ösdürmegiň ugurlary ara alnyp maslahatlaşyldy.*

Işjeň ýagdaýda geçen duşuşygyň çäklerinde Gahryman Arkadagymyzyň we hormatly Prezidentimiziň tagallalary netijesinde iki ýurduň arasynda saglygy goraýyş, bilim ulgamlaryndaky hyzmatdaşlygyň ösüşiň täze derejesine çykarylýandygy bellenildi. Soňky ýyllarda dünýä giňişliginde adaty däl lukmançylyga möhüm ähmiýet berilýär. Şunda Hytaýyň müňýyllyklardan gözbaş alýan lukmançylyk tejribesi bilen Türkmenistanyň dermanlyk ösümliklere baý tebigy şertleriniň utgaşdyrylmagynyň ähmiýetlidigine üns berildi. Munuň özi häzirki zaman lukmançylyk ylmynyň gazananlarynyň we köpasyrlyk tejribeleriň işjeň özleşdirilmegine giň ýol açýar.

Duşuşykda nygtalyşy ýaly, häzirki zaman ylmynyň, biliminiň täzeçil gazananlary ynsan saglygynyň goragyna gönükdirilip, munuň özi oňyn netijesini hem berýär. Şol bir wagtyň özünde degişli ugurlar boýunça hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmek, ony mundan beýläk-de ösdürmek üçin ägirt uly mümkinçilikler bar.

Tan Çžişu türkmen topragynda bildirilen myhmansöýerlik we meýilleşdirilen çäreleriň ýokary



guramaçylyk derejesiniň üpjün edilýändigi üçin hormatly Prezidentimize hem-de Gahryman Arkadagymyza çuňňur hoşallygyny beýan etdi.

Soňra bu ýerde Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersiteti bilen Pekiniň hytaý lukmançylygy uniwersitetiniň arasynda Türkmen-hytaý adaty hytaý lukmançylygy merkezini döretmek barada özara düşünişmek hakynda Ähtnama gol çekmek dabarasy boldy. Munuň özi ýurdumyzda lukmançylyk hyzmatlaryny giňeltmegiň ýolunda möhüm ädimdir. ■ 2

## Garaşsyzlyk – ösüşleriň gözbaşy

Şu ýyl ýurdumyzyň Garaşsyzlygynyň şanly 35 ýyllygy uludan bellener. Bu senä häzirden taýýarlyk görülýär we dürli baýramçylyk çäreleri geçirilýär. Garaşsyzlyk halkymyzyň milli buýsanjydyr. Garaşsyzlyk biziň ýurdumyza halkara gatnaşyklarynyň doly hukukly agzasy hökmünde öz syýasy garaýşyny beýan etmäge mümkinçilik berdi.



Türkmenistanyň ählumumy parahatçylygy we howpsuzlygy pugtalandyrmaga, Durnukly ösüş maksatlaryny netijeli durmuşa geçirmäge gönükdirilen energetika, ulag, suw diplomatiýasyndaky halkara başlangyçlary we iş ýüzündäki anyk ädimleri dünýä jemgyýetçiliginde giň goldawa eýe bolýar. Ösüşlere beslenen Garaşsyzlyk ýyllarynda Türkmenistan durmuş-ykdysady ösüşde öz baý tebigy serişdelerinden aýawly peýdalanmakda belent sepgitlere ýetdi.

Türkmenistan ykdysady ösüşiň netijelerini durmuş ulgamyny ösdürmäge, ýurduň geljekki gülläp ösüşini üpjün etmäge ukyply, ýokary intellektual we berk bedenli adam maýasyny kemala getirmäge gönükdirýär. ■ 2

### Buzluklary goramak: sebitleýin başlangyçlar

Merkezi Aziýada we beýleki daglyk sebitlerde buzluklar ozal görülmedik derejede ereýär. Sowuk günleriň azalmagy, tomsuň uzamagy buzluklaryň çäginiň kiçelmegine sebäp bolýar. ■ 4

### Asgyranyňda näme üçin gözüň ýumulýar?

Tozan bölejikleri ýa-da mikroblar burunda gyjyndyrma döredende bedenimizde garşylykly täsir hökmünde asgyrma peýda bolýar. ■ 5

### Miwe berýän iň garry agaç

Gresiýanyň Krit adasynda ýerleşýän Ano Wuwes obasyndaky zeýtun agajy dünýäde miwe berýän iň garry daragt hasaplanýar. ■ 6

### 1-nji duşuşyklaryň netijeleri

UEFA Ýewropa Ligasynda çärýek finalyň 1-nji duşuşyklary geçirildi. Çempionlygyň dalaşgärlerinden «Aston Willa» myhmançylykda «Bolonýany» 3–1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. ■ 7



# TÜRKMEN-HYTAÝ DOSTLUK ÝOLY BILELIKDÄKI TAGALLALAR BILEN GELJEGE UZAÝAR

*15-nji aprelde türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Hytaý Halk Respublikasynyň Başlygy Si Szinpiniň tabşyrygy boýunça ýurdumyza sapar bilen gelen Hytaýyň Kommunistik partiýasynyň Merkezi komitetiniň Syýasy býurosynyň hemişelik komitetiniň agzasy, Hytaý Halk Respublikasynyň Döwlet Geňeşiniň Premýeriniň birinji orunbasary Din Sýuesýan bilen duşuşdy.*

Türkmen halkynyň Milli Lideri myhmany mähirli mübärekläp, HHR-iň wekiliýetiniň ýurdumyza şu gezekki saparynyň türkmen-hytaý hyzmatdaşlygynyň ýokary derejesini görkezýän möhüm waka bolup durýandygyny aýtdy.

Din Sýuesýan türkmen topragynda bildirilen myhmansöýerlik üçin Gahryman Arkadagymyza tüýs ýürekden hoşallygyny beýan edip, Hytaýda Türkmenistan bilen hyzmatdaşlygy pugtalandyrmaga uly ähmiýet berilýändigini belledi hem-de pursatdan peýdalanyp, Hytaý Halk Respublikasynyň Başlygy Si Szinpiniň Milli Liderimize iberen mähirli salamyny ýetirdi. Hytaýyň Döwlet Geňeşiniň Premýeriniň birinji orunbasary häzirki wagtda özara hormat goýmaga, deňhukuklylyga esaslanýan hytaý-türkmen gatnaşyklarynyň netijeli döwletara hyzmatdaşlygyň nusgasy bolup durýandygyny aýtdy hem-de bu gatnaşyklary ilerletmekde hormatly Arkadagymyzyň goşandyny belledi.

Myhman Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygynyň ýakynda Hytaýa amala aşyran dostluk saparynyň wajyp ähmiýetine ünsi çekip, onuň netijeleriniň iki ýurduň arasyndaky strategik hyzmatdaşlygy pugtalandyrmakda möhüm ädim bolandygyny aýtdy.

Milli Liderimiz HHR-iň Başlygy Si Szinpine iň gowy arzuwlaryny beýan edip, «Açyk gapylar» syýasatyny yzygiderli durmuşa geçirýän Türkmenistanyň Hytaý bilen dostlukly gatnaşyklaryň ösdürilmegine uly ähmiýet berýändigini, özara düşünişmek, ynanyşmak ýörelgelerine esaslanýan döwletara hyzmatdaşlygyň häzirki döwürde many-mazmun taýdan baýlaşdyrylýandygyny belledi.

Duşuşygyň dowamynda nygtalyşy ýaly, halkara giňişlikde ýurtlarymyz iri halkara guramalaryň, ilkinji nobatda, BMG-niň, «Merkezi Aziýa – Hytaý» formatynyň çäklerinde tagallalary utgaşdyrýarlar. Taraplar dünýä gün tertibiniň esasy meseleleri boýunça garaýyşlarynyň gabat gelýändigini görkezýärler. Halkara düzümleriň çäklerinde birek-biregiň başlangyçlarynyň yzygiderli goldanylmagy Türkmenistan bilen Hytaýyň arasyndaky berk syýasy ynamy tassyklaýar.

Gahryman Arkadagymyz Türkmenistanyň HHR-iň BMG-niň çäklerinde öňe sürýän başlangyçlaryny goldaýandygyny we mundan beýläk-de goldajakdygyny aýtdy. Şunuň bilen bir hatarda, Milli Liderimiz Hytaýyň öňe sürýän Howpsuzlyk, Siwilizasiýa, Ösüş, Dolandyryş ýaly ählumumy başlangyçlarynyň ähmiýetine ünsi çekdi. «Bularyň ählisi Türkmenistanyň «Ösüş arkaly parahatçylyk», «Dialog – parahatçylygyň kepili» ýaly halkara başlangyçlarynyň maksatlaryna hem-de filosofiýasyna, ýurdumyzyň dünýä syýasatynda ynanyşmak we deňhukukly özara hormat goýmak ýörelgelerini berkarar etmek boýunça strategik ugruna laýyk gelýär» diýip, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy aýtdy.

Din Sýuesýan Türkmenistanda 2026-njy ýylyň «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» diýlip atlandyrylan şygarynyň Gündogar müçenamasy boýunça ýylky ýylyna gabat gelmeginiň türkmen döwletiniň okgunly ösüşini alamatlandyrýandygyny belledi.

Hyzmatdaşlygyň häzirki ýagdaýy we ony ösdürmegiň geljekki ugurlary barada pikir alyşmalaryň dowamynda türkmen-hytaý hyzmatdaşlygynyň ugurlaryň giň gerimini, şol sanda syýasy-diplomatik, söwda-ykdysady, ýangyç-energetika, ulag-aragatnaşyk, logistika, senagat, tehnologiýalar, medeni-ynsanperwer ulgamlary öz içine alýandygy bellenildi. Ýangyç-energetika ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup durýar. Türkmen mawy ýangyjynyň Hytaýa iberilmegini üpjün edýän gaz geçirijini gurmak boýunça amala aşyrylan bilelikdäki taslama bu hyzmatdaşlygyň aýdyň netijesidir. Hormatly Prezidentimiziň ýakynda gol çeken resminamasyna laýyklykda, Hytaýyň CNPC korporasiýasy bilen bilelikde «Galkynyş» gaz käniniň nobatdaky tapgyryny özleşdirmäge girişiler. Şunuň bilen baglylykda, Din Sýuesýan Türkmenistanda hytaý kompaniýalarynyň netijeli iş alyp barmaklaryna döredilýän amatly maýa goýum şertleri üçin hormatly Prezidentimize hem-de Gahryman Arkadagymyza hoşallyk bildirdi.

Türkmenistanyň «Beýik Ýüpek ýoluny gaýtadan dikeltmek» strategiýasynyň «Bir guşak, bir ýol» hytaý başlangyjy bilen utgaşdyrylmagynyň çäklerinde ulag-logistika ulgamy hyzmatdaşlyk üçin täze gözýetimleri açýar. Söwda-ykdysady hyzmatdaşlyk hem ösüş depgini bilen tapawutlanýar. Hytaý ýurdumyzyň iň iri söwda hyzmatdaşlarynyň biri bolup durýar. Dokma senagaty, oba hojalygy, ýokary tehnologiýalar ulgamlarynda hyzmatdaşlyk işjeň ösdürilýär.

Duşuşygyň ahyrynda Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy we Hytaýyň Kommunistik partiýasynyň Merkezi komitetiniň Syýasy býurosynyň hemişelik komitetiniň agzasy, Hytaý Halk Respublikasynyň Döwlet Geňeşiniň Premýeriniň birinji orunbasary türkmen-hytaý gatnaşyklarynyň iki ýurduň halklarynyň bähbidine mundan beýläk-de ugurlaryň giň gerimi boýunça ösdüriljekdigine ynam bildirip, birek-birege iň gowy arzuwlaryny beýan etdiler.

## Syýahatçylyk pudagyna bagyşlanan halkara forum

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Sergide ýurdumyzyň we daşary döwletleriň syýahatçylyk kärhanalary dürli hyzmatlary hödürlediler. Forumyň çäklerinde türkmen aşhana däpleriniň görkezilmegi daşary ýurtly myhmanlarda uly täsir galdyrdy.

Türkiýäniň, Birleşen Arap Emirlikleriniň we Russiýanyň awiakompaniýalary dünýäniň çar künjegine syýahat etmek üçin giň ugurly rahat uçuşlary hödürleýärler. Özbegistan, Belarus, Tailand, Pakistan we Uganda döwletleriniň wekilleri bolsa öz ýurtlarynyň täsinlikleri bilen sergä gelýänleri tanyşdyrdylar. Malaýziýada bilim almak üçin mümkinçiliklere bagyşlanan pawilýon, hususan-da, ýaşlar üçin aýratyn özüne çekiji boldy.

Umuman, «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda halkara derejede şeýle forumyň geçirilmegi



özara bähbitli hyzmatdaşlygy ösdürmekde, syýahatçylyk babatda tejribe alyşmakda möhüm ähmiýete eýedir. Ýeri gelende bellesek, syýahatçylyk pudagynda häzirki zaman bazar gatnaşyklarynyň kemala gelmegi, netijeli guramaçylyk usullarynyň we sanly ulgamyň işjeň ornaşdyrylmagy, pudagy mundan beýläk-de ösdürmek üçin maýa goýumlaryň çekilmegi ykdysadyýetimiziň ägirt uly mümkinçiliklere eýe bolan bu pudagynda uzak möhletli hyzmatdaşlygy giňeltmek üçin amatly şertleri döredýär. Sergi ýurdumyzyň hem-de onuň sebitleriniň täsin syýahatçylyk künjekleri bilen tanyşmaga, syýahatçylyk we myhmansöýerlik ulgamyndaky ösüşler, dynç alşyň dürli görnüşlerini guramak, mahabat hem-de ülkäni öwreniş işleri barada täze maglumatlary almaga mümkinçilik berdi.

Maslahatyň çäklerinde iş duşuşyklary, okuw we ylmy-amaly maslahatlary, şeýle hem syýahatçylyk gezelençleri geçirildi. Bu çäreler pudakda öňdebaryjy tejribeleri ornaşdyrmaga we işewürlik gatnaşyklaryny giňeltmäge hyzmat eder. Ilkinji gezek geçirilen «Turkmentravel – 2026» atly halkara syýahatçylyk sergisi we maslahaty syýahatçylyk ulgamynda halkara hyzmatdaşlygy pugtalandyrmakda möhüm orun eýelär.

**Güljeren IŞANGULYÝEWA,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň mugallymy.*

## Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetinde Adaty däl lukmançylyk otagy açyldy

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Dabara gatnaşyjylar milli saglygy goraýyş ulgamyna degişli maglumatlardan ybarat bolan sergini synladylar. Onda türkmen topragynda bitýän dermanlyk ösümliklere degişli maglumatlar, ýurdumyzyň şypahanalarynyň mümkinçilikleri, dürli dermanlyk ösümliklerden taýýarlanan çaýlaryň görnüşleri görkezilýär.




Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetinde Adaty däl lukmançylyk otagynyň açylyş dabarasy Pekiniň hytaý lukmançylygy uniwersitetiniň rektorynyň ýolbaşçylygyndaky wekiliýetiň ýurdumyza saparynyň çäklerinde meýilleşdirilen çäreleriň many-mazmun taýdan baýlaşmagyny üpjün etdi. Milli lukmançylyk ulgamynda möhüm ähmiýeti bolan Adaty däl lukmançylyk otagynyň açylyş dabarasyna Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň bejeriş işleri boýunça wise-prezidenti Oguljahan Atabaýewanyň gatnaşmagy onuň ähmiýetini has-da artdyrdy.

Dabaranyň dowamynda çykyş edenler iki ýurduň arasyndaky gatnaşyklaryň dürli ugurlary öz içine alýandygyny bellediler. Şunda saglygy goraýyş we bilim ulgamyndaky gatnaşyklara aýratyn orun degişlidir. Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy esasynda döredilen Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasy ynsanperwer ýörelgelere esaslanýan asylly işleri amala aşyrýar. Gaznanyň hasabyna dünýäniň dürli ýurtlarynyň heläkçilik zerarly ejir çeken çagalaryna-da ynsanperwerlik ýükleri ugradylýar.

Soňra dabara ýokary okuw mekdebiniň uly mejlisler zalynda dowam etdi. Bu ýerde iki bilim ojagynyň arasynda gatnaşyklaryň ösdürilmegi ugrundaky tagallalary we özara tejribe alyşmaga mynasyp goşandy nazara alnyp, Pekiniň hytaý lukmançylygy uniwersitetiniň rektory Tan Çžişuwa Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň hormatly professory diýen ady dakmak baradaky çözgüt beýan edildi.

Çykyş edenler hormatly myhmany mynasyp bolan ylmy derejesi bilen gutlap, iki ýurduň arasynda saglygy goraýyş we bilim ulgamlaryndaky gatnaşyklaryň täze belentliklere göterilendigini nygtadylar. Şunda bu ugur boýunça hyzmatdaşlygyň mundan beýläk-de ösdürilmegine aýratyn ähmiýet berilýändigi bellenildi. Milli Liderimiziň «Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri» atly köp jiltli ylmy-ensiklopedik kitabynda beýan edilen tebigy serişdeleriň ähmiýeti tutuş dünýäde lukmançylyk ylmy bilen meşgullanýanlaryň ünsüni özüne çekýär. Täze açylan Adaty däl lukmançylyk otagynyň hem Gahryman Arkadagymyzyň ylmy kitaplarynda kesgitlän wezipelerinden ugur aljakdygy barada aýdyldy.

Pekiniň hytaý lukmançylygy uniwersitetiniň rektory Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň hormatly professory diýen ylmy derejäniň berilmeginiň özi üçin belent mertebedigini we bu derejäni tutuş hytaý lukmançylygyna bildirilen hormat hökmünde kabul edýändigini nygtap, munuň üçin lukman Arkadagymyza hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyza hoşallygyny beýan etdi.

## Garaşsyzlyk – ösüşleriň gözbaşy

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Garaşsyz Türkmenistan döwletimiziň bu günki ykdysady ösüş nusgasy dünýä jemgyýetçiligi üçin nusgadyr. Uzak möhletleýin milli maksatnamalary durmuşa geçirmekde uly üstünlikler gazanylyp, halk hojalygynyň ähli ugurlaryny gurşap alan belent sepgitlere ýetilýär. Ýurdumyzda düýpli durmuş özgertmeleriniň ileri tutulýan ugurlary her bir raýatyň bolelin, abadan durmuşda ýaşamagyny, döwrebap bilim almagyny, ýokary hilli saglygy goraýyş hyzmatlaryndan peýdalanmagyny üpjün etmäge gönükdirilendir. Şol maksat bilen, «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda ýurdumyzyň bedew batly ösüşleriniň, Gahryman Arkadagymyzyň «Döwlet adam üçindir!», hormatly Prezidentimiziň «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen ynsanperwer taglymatlarynyň üstünlikli durmuşa





geçirilýän döwründe Mary welaýatynyň Ýolöten etrabynyň Ymambaba geňeşliginiň çäginde 4 müň 500 hojalyga niýetlenen täze, döwrebap şäherçäniň düýbüniň tutulmagy hem-de Aşgabat-Türkmenabat ýokary tizlikli awtomobil ýolunyň Mary-Türkmenabat böleginiň açylyş dabaralary mukaddes Garaşsyzlygymyzyň şanly 35 ýyllyk dabaralarynyň esasy wakalaryna öwrüldi. Hormatly Prezidentimiziň gatnaşmagynda uzynlygy 600 kilometre deň bolan Aşgabat – Türkmenabat ýokary tizlikli awtomobil ýolunyň jemleýji Mary – Türkmenabat tapgyrynyň açylyp, ulanylmaga berilmeginiň ýurdumyzyň Garaşsyzlyk taryhyna täze şanly sahypa bolup ýazylandygyny aýratyn bellemek gerek. Ýurdumyzyň ýol-ulag ulgamynda möhüm orun eýeleýän Aşgabat – Türkmenabat ýokary tizlikli awtomobil ýoly Türkmenistanyň ulag diplomatiýasyny dabaralandyrmak bilen, Gündogar – Günbatar, Demirgazyk – Günorta ugurlarda döwletleri, halklary we sebitleri birleşdirmekde uly ähmiýete eýe boldy.

Mahlasy, üstümizdäki ýylda şeýle iri taslamalaryň hem-de dabaralaryň ençemesiniň şaýady bolarys. Türkmen halkyna bagtyýar hem eşretli durmuşy peşgeş beren, Watanymyzyň ähli ulgamlarda ýeten belent sepgitlerini, ýokary üstünliklerini dünýä ýaýýan, beýik Garaşsyzlygymyzy berkitmekde we Bitarap döwletimiziň halkara abraýyny belende galdyrmakda bimöçber işleri durmuşa geçirýän Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak, il-ýurt bähbitli, umumadamzat ähmiýetli işleri rowaç bolsun!

**Gurbangül MYRADOWA,**
*Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň uly mugallymy.*

## «Galkynyş» gaz käni – dünýäniň iri gaz ýatagy

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Mary welaýatynyň günortasynda ýerleşýän bu gaz käni Garaşsyzlyk ýyllarynda biziň geologlarymyzyň iň uly açyşlarynyň biri boldy. «Galkynyş» gaz känini toplumlaýyn özleşdirmek işine 2009-njy ýylda badalga berilýär. Şol ýylyň dekabr aýynda «Türkmengaz» döwlet konserni bilen «CNPC Chuanging Drilling Engineering Company Limited» (HHR), «Gulf Oil & Gas Fze» we «Petrofac International (UAE) LLC» (BAE) kompaniýalarynyň hem-de «LG International Corp.» we «Hyundai Engineering Co. Ltd» (Koreýa Respublikasy) kompaniýalar konsorsiumynyň arasynda «Galkynyş» gaz käninde ulanyş guýularyny we ýerüsti desgalary taslamak hem-de gurmak hakynda şertnamalar baglaşyldy.

«Galkynyş» gaz käni serişdeler gory boýunça «mawy ýangyjyň» ägirt uly ojagy bolup durýar. Bu ýerde meşhur halkara maslahatçysy «Gaffney, Cline & Associates» kompaniýasy (Beýik Britaniýa) tarapyndan geçirilen garaşsyz barlaglaryň netijeleri dünýä derejesindäki täzelik boldy, munuň özi Türkmenistany gaz kuwwaty boýunça dünýäde dördünji orna çykarýar.

«Türkmengaz» döwlet konserni tarapyndan daşary ýurtly hyzmatdaşlar – Hytaý Halk Respublikasynyň, Birleşen Arap Emirlikleriniň, Koreýa Respublikasynyň iri kompaniýalary bilen bilelikde «Galkynyş» känini senagat taýdan özleşdirmek boýunça geçirilen işleriň birinji tapgyrynyň çäklerinde bu ýerde ýylda harytlyk gazyň 30 milliard kub metrini öndürmäge mümkinçilik berýän desgalar toplumy guruldy.

Türkmenistan – Owganystan – Pakistan – Hindistan gaz geçirijisiniň taslamasy düzülende, tebigy gazyň çeşmesi hökmünde «Galkynyş» käni saýlanyp alyndy. Bu bolsa taslamany tebigy gazyň iberilmeginiň ygtybarlylygy babatda iň ýokary derejä çykarýar.



«Galkynyş» gaz käni Türkmenistan – Hytaý gaz geçirijisiniň çig mal çeşmeleriniň biri bolup durýar. Häzirki wagtda bu iri gaz käniniň dördünji tapgyryny özleşdirmek işine girişmek meýilleşdirilýär. Mälim bolşy ýaly, hormatly Prezidentimiziň gol çeken Kararyna laýyklykda, «Türkmengaz» döwlet konsernine «Galkynyş» gaz käniniň dördünji tapgyrynyň çäginde ýylda 10 milliard kub metr harytlyk gazy taýýarlaýan desgany we şol möçberde harytlyk gazy taýýarlamak üçin ýeterlik boljak ulanyş guýularyny taslamalaşdyrmak hem-de doly taýýar edip gurmak barada Hytaý Halk Respublikasynyň «CNPC Amudarya Petroleum Company Ltd.» kompaniýasy bilen şertnama baglaşmaga ygtyýar berildi.

«Galkynyş» gaz käni şol bir wagtda türkmen-hytaý energetika hyzmatdaşlygynyň täze tapgyryny emele getirýär. Bu iri taslamanyň durmuşa geçirilmegi bilen baglanyşykly dabaralara gatnaşmak üçin dostlukly Hytaý Halk Respublikasyndan uly wekilçilikli wekiliýeti ýurdumyza sapar bilen geldi.

Gahryman Arkadagymyzyň golaýda Hytaý Halk Respublikasyna amala aşyran dostlukly saparynyň çäklerinde «Galkynyş» gaz käniniň dördünji tapgyrynyň özleşdirilmegi ara alnyp maslahatlaşylyp, bu ugurda ylalaşyklar gazanyldy.

Hytaý Halk Respublikasynyň Başlygy Si Szinpiniň tabşyrygy esasynda Hytaýyň Kommunistik partiýasynyň Merkezi komitetiniň Syýasy býurosynyň hemişelik komitetiniň agzasy, Hytaý Halk Respublikasynyň Döwlet Geňeşiniň Premýeriniň birinji orunbasary Din Sýuesýanyň ýolbaşçylygyndaky wekiliýetiň ýurdumyza gelmegi hem-de «Galkynyş» gaz känini özleşdirmegiň 4-nji tapgyrynyň dabaraly ýagdaýda düýbüni tutmak dabarasy türkmen-hytaý gatnaşyklarynyň ýylýazgysyna möhüm sene bolup ýazylýar.

**Jennet ATDAÝEWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň uly mugallymy.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN

**ESASLANDYRYJYSY –**
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Aprel aýynyň 17-si, 2026
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-118491
Belgisi: 16/1686
Tiražy: 10039
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!

# ÝURDUMYZDA DÖWREBAP AWTOBAN ULANMAGA BERILDI

Türkmenistan durnukly ösüşiň we sebitara hyzmatdaşlygyň strategik merkezi hökmünde öz ornuny yzygiderli berkidýär. Gündogar bilen Günbataryň, Demirgazyk bilen Günortanyň çatrygynda ýerleşýän ýurdumyz häzirki zaman «Beýik Ýüpek ýolunyň» iň möhüm halkasyna öwrülýär. Bu ugurda amala aşyrylýan iň ägirt uly taslamalaryň biri bolsa Aşgabat-Türkmenabat ýokary tizlikli awtomobil ýoludyr.



Umumy uzynlygy 600 kilometre deň bolan Aşgabat – Türkmenabat ýokary tizlikli awtomobil ýolunyň gurluşygyna 2019-njy ýylda badalga berildi. Bu ýoluň birinji tapgyry bolan Aşgabat – Tejen bölegi 2021-nji ýylda, Tejen – Mary bölegi bolsa 2024-nji ýylda açylyp ulanmaga berildi. Bu iri taslamanyň durmuşa geçirilmegi ýurdumyzyň ählumumy ulag ulgamyna goşulyşmagy bilen bir hatarda, halkara ulag geçelgelerini işjeňleşdirmekde-de uly ähmiýete eýedir.

Döwrebap ýoluň gurluşygy Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň agzalary tarapyndan ýerine ýetirildi. 6 sany hereket zolagyndan ybarat bolan awtomobil ýoly dünýä ölçegleriniň talaplaryna doly laýyk gelýär. Ýoluň ugrunda ýolagçylar, sürüjiler üçin ähli mümkinçilikler döredildi. Ýoluň hereket howpsuzlygyny üpjün etmek üçin halkara standartlara laýyk gelýän köp sanly köprüler, suw geçirijiler, geçelgeler, ýangyç guýujy beketler bina edildi. Ulag serişdelerine hyzmat ediş, gözegçilik we dolandyryş ulgamlary göz öňünde tutuldy.

Aşgabat-Türkmenabat awtoýoly diňe bir içerki ýol däl-de, eýsem, halkara üstaşyr geçelgeleriniň esasy ugruna öwrüler. Ol Özbegistan – Türkmenistan – Eýran – Oman (Aşgabat ylalaşygy) we Lapis Lazuli (Owganystan – Türkmenistan – Azerbaýjan – Gruziýa – Türkiýe) ýaly halkara multimodal geçelgeleriniň bir bölegi bolup hyzmat edýär.

Aşgabat-Türkmenabat ýoly Türkmenistanyň «Altyn halkasy» bolup, Merkezi Aziýany Hazar deňzi we Pars aýlagy bilen iň gysga ugur arkaly birleşdirýär. Bu taslama şol bir wagtda birnäçe ykdysady bähbitleri hem getirýär. Ozal ýük ulaglary Aşgabatdan Türkmenabada çenli ýoly köp wagtda geçýän bolsa, indi bu wagt gysgalýar. Bu bolsa harytlaryň özüne düşýän gymmatynyň peselmegine getirýär. Taslamanyň iň üns çekiji tarapy onuň türkmen telekeçileri («Türkmen Awtoban» ÝGPJ) tarapyndan gurulmagydyr. Bu ýurdumyzyň hususy pudagynyň ägirt uly inženerçilik we dolandyryş tejribesini toplandygyny subut edýär.

Aşgabat-Türkmenabat ýokary tizlikli awtomobil ýoly diňe bir ýol-gurluşyk taslamasyndan ybarat däl. Bu ýurdumyzyň ykdysady bähbitliliginiň, logistik artykmaçlygynyň we sebit ýurtlary bilen goňşuçylyk gatnaşyklarynyň täze we häzirki zaman keşbidir. Bu ýol geljekde sebitiň iň iri söwda we üstaşyr geçelgesi bolup, «ykylymlary birleşdirýän» hakyky köpri bolar.

**Jemal KADYROWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

# GELJEGIŇ AÇARY – BILIM, DIL WE INNOWASIÝA

Häzirki zaman dünýäsinde ösüşiň depgini şeýle bir çalt welin, düýnki «täzelik» diýenimiz şu gün eýýäm adatylyga öwrülýär. Bu batly gadamlaryň özeni bolsa bilime daýanýar. XXI asyrda bilim diňe bir maglumat toplamak däl-de, eýsem, şol maglumaty seljermek, döredijilikli ulanmak we dünýä bilen aragatnaşyk gurmak ukybydyr.

Ine, şeýle döwürde dil öwrenmek wajyp meseleleriň birine öwrüldi. Dil öwrenmek diňe bir goşmaça ukyp däl, durmuşy zerurlykdyr. Ylym-bilimiň ähli ugurlarynda halkara hyzmatdaşlygyň artmagy iňlis, hytaý, rus dilleriniň ähmiýetini ýokary göterdi. Dil öwrenmek diňe sözlük ýat tutmak däl, şol halkyň medeniýetine we ylmyna aralaşmakdyr. Birnäçe dili bilýän adamyň beýnisiniň seljeriş ukyby bir dilde gepleýänlerden ýokary bolýar. Häzirki wagtda dünýädäki ylmy makalalaryň 80%-den gowragy iňlis dilinde ýaýradylýar.

Soňky ýyllarda ylymda bolup geçýän özgerişler adamyň aňyny haýrana goýýar. Esasan, emeli aňyň bilim ulgamyna ornaşmagy öwrenmek prosesini düýpgöter üýtgedýär. Şahsy okuw meýilnamalaryny düzen «akylly» programmalar her bir okuwçynyň özleşdiriş ukybyna görä sapak berip bilýär. Şeýle-de, kwant tehnologiýalary we bioinformatika ýaly täze ugurlar ylmyň täze gözýetimlerini açdy. Bu bolsa ýaş nesliň öňünde has çylşyrymly we gyzykly meseleleri goýýar.

Häzirki wagtda dünýäniň iň öňdebaryjy bilim ojaklarynda ylym, tehnologiýa, inženerçilik, sungat we matematika ugurlarynyň birleşdirilmegi netijesinde nazaryýet bilen amalyýet utgaşdyrylýar. Okuwçy täze mowzugy öýünde wideoşekiller arkaly öwrenýär, synpda bolsa diňe şol mowzugyň amaly taraplaryny we soraglaryny ara alyp maslahatlaşýar.

Mahlasy, bilim hiç wagt tamamlanmaýan prosesdir. Biz diňe täze tehnologiýalary, dilleri we innowasion usullary özleşdirmek arkaly güýçli, ösen, parahat geljegi gurup bileris.

**Gülşirin ÇARYGULYÝEWA,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň diller kafedrasynyň mugallymy.*



# YLYM-BILIM ULGAMYNDA TÄZE ÜSTÜNLIKLERE ÝETILÝÄN ÝYL

2026-njy ýylyň şygary bolan «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» diýen ylhamly jümle ýurdumyzyň ösüşleriniň täze bir tapgyryna badalga berdi. Bu ýyl diňe bir taryhy wakalaryň däl, eýsem, ylym-bilim dünýäsinde gazanylýan belent sepgitleriň, innowasion başlangyçlaryň hem-de sanly ulgamyň doly ornaşdyrylýan döwrüniň beýanydyr.

Türkmenistanyň döwlet syýasatynyň özeni «Döwlet adam üçindir!» diýen ýörelgä daýanýar. 2026-njy ýylyň şygarynda ulanylýan «bedew batly» jümlesi ýurdumyzyň ylym we bilim ulgamyndaky özgerişleriniň tizligini, «at-myrat» bolsa halkymyzyň bilimli nesilleri kemala getirmek baradaky mukaddes arzuwlarynyň hasyl bolýandygyny aňladýar.



Häzirki wagtda ýurdumyzda sanly bilim ulgamyny ösdürmegiň Konsepsiýasy üstünlikli durmuşa geçirilýär. Bilim ojaklarynyň maddy-tehniki binýady döwrebaplaşdyrylyp, okuw işine iň täze tehnologiýalar ornaşdyrylýar. Ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleri dünýäniň öňdebaryjy uniwersitetleri bilen wideoşekilli maslahatlary we leksiýalary yzygiderli guraýarlar.

Ýaşlaryň arasynda innowasion taslamalara we oýlap tapyjylyk işlerine bolan höwes döwlet derejesinde goldanylýar.

Üstümizdäki ýylda bilim bermegiň mazmuny düýpli kämilleşdirilýär. Iňlis, rus, hytaý, ýapon, nemes we fransuz dillerini çuňlaşdyryp öwretmek arkaly türkmen ýaşlarynyň dünýä ylmyna bolan elýeterliligi artdyrylýar. Ýokary okuw mekdeplerinde ýurdumyzyň senagat, energetika we oba hojalyk pudaklary üçin zerur bolan ylmy-amaly barlaglar geçirilýär.

Halkara bäsleşikler geçirilip, türkmen okuwçylary we talyp ýaşlary halkara ders olimpiadalarynda altyn we kümüş medallary gazanyp, ýurdumyzyň intellektual kuwwatyny bütin dünýä subut edýärler.

Biziň bilim ojagymyz bolan Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynda hem «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» ýylyny mynasyp dabaralandyrmak bilen, birnäçe halkara ylmy bäsleşiklerdir maslahatlaryň geçirilýän ýerine öwrüldi. Ýokary okuw mekdebimizde iňlis dili dersinden V halkara internet olimpiadasy hem-de M.W.Lomonosow adyndaky Moskwa döwlet uniwersiteti tarapyndan guralýan «Lomonosow–2026» atly XXXIII ýaşlar ylmy forumy uly üstünliklere beslendi.

Maslahatyň maksatnamasyna laýyklykda, ýaş hünärmenler birnäçe möhüm ugurlarda özleriniň ylmy çykyşlaryny hödürlediler. Hususan-da, «daşary ýurt dilleri we ülkäni öwreniş», «terjimäniň nazaryýeti, taryhy we usulyýeti» hem-de «filologiýa» ýaly ugurlaryň çäklerinde häzirki döwrüň iň wajyp meseleleri giňişleýin ara alnyp maslahatlaşyldy. Maslahatda gatnaşyjylar özleriniň täzeçil gözlegleri, ylmy täzelikleri hem-de tejribe esasynda taýýarlanan teklipleri bilen çykyş etdiler.

Bilimli we ýokary hünärli nesil ýurdumyzyň bagtyýar geljeginiň kepilidir. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe bilim we ylym pudagynda gazanylýan her bir üstünlik Türkmenistanyň dünýäniň iň ösen döwletleriniň hataryndaky ornuny has-da berkidýär.

**Muhabbet DÖWLETOWA,**
*Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň mugallymy.*

# ŞÖHRATLY TARYHYMYZ ÖWRENILÝÄR

Häzirki wagtda gözbaşyny asyrlaryň jümmüşinden alyp gaýdýan baý ruhy hem-de taryhy-medeni mirasy, milli däpleri aýawly saklamak, giňden wagyz etmek ýörelgesi türkmen halkyny dünýäniň beýleki ýurtlarynyň halklary bilen ruhy taýdan has jebisleşdirýär. Taryhçylaryň bellemeklerine görä, türkmen topragynda bina edilen köpsanly ýadygärlikler adamzadyň gymmatly hazynasydyr. Şonuň üçin hem Gadymy Merw, Köneürgenç we Gadymy Nusaý taryhy-medeni ýadygärlikleri ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna goşuldy. Şunuň ýaly taryhy ýerlerde hem gymmatly maglumatlary, taryhy tapyndylary görmek bolýar. Geçirilýän arheologik gazuw-agtaryş işlerde hem binagärlik-gurluşyk galyndylary ýüze çykarylýar we ylmy esasda öwrenilýär.

Ýurdumyzda jemgyýetiň ruhy sagdynlygyny we ahlak taýdan kämilligini üpjün etmek, taryhy-medeni mirasa sarpa goýmak, ata-babalarymyzyň hem-de tutuş adamzadyň nesilden-nesle geçirip gelýän däplerini ösdürmek ýaly asylly ýörelgeler mynasyp dowam etdirilýär. Şeýle asylly ýörelgelere eýerip, häzirki wagtda türkmen halkynyň şöhratly taryhyny öwrenmek, dünýä ýaýmak işleri üstünlikli alnyp barylýar. Giň gerimli ynsanperwer gatnaşyklar birek-biregi goldamak, medeni hyzmatdaşlygy ösdürmek, özara düşünişmek, hoşniýetli goňşuçylyk ýaly däpleri döwrebap derejede kämilleşdirýär.

Taryhy çeşmelerde görkezilişi ýaly, türkmen topragynda döredilen şäherler, ylym ojaklary, söwda ýollary diňe bir sebit üçin däl, eýsem, dünýä üçin uly ähmiýete eýe bolupdyr. Beýik Ýüpek ýolunyň ugrunda ýerleşen bu şäherler dürli medeniýetleriň we halklaryň arasynda baglanyşyk köprüsine öwrülipdir.

Häzirki döwürde taryhy mirasymyza bolan üns has artýar. Döwlet derejesinde alnyp barylýan işler netijesinde taryhy ýadygärlikler dikeldilýär, ylmy barlaglar giňeldilýär, ýaş nesillere ata-babalarymyzyň baý mirasy öwredilýär. Bu bolsa milli özboluşlylygymyzy saklamaga we ösdürmäge mümkinçilik berýär.



Alymlar tarapyndan gazuw-agtaryş işleri geçirilende ýüze çykarylan taryhy gymmatlyklar bilen muzeýlerimiziň ozalky täsin tapyndylarynyň üsti ýetirilýär. Türkmenistanyň Taryhy we medeni ýadygärlikleri goramak, öwrenmek hem-de rejelemek baradaky milli müdirligi hem-de onuň garamagyndaky taryhy-medeni döwlet goraghanalary tarapyndan dürli görnüşli taryhy gymmatlyklar muzeýlerimize yzygiderli tabşyrylýar.

Häzirki wagtda maksatnama laýyklykda gozgalýan we gozgalmaýan medeni mirasy goramak we dikeltmek, materiallaryň seljermesi we barlaghana esasly gözlegler boýunça daşary ýurt muzeýleri bilen hem ylmy tejribe alşylýar.

Gahryman Arkadagymyz, Arkadagly Gahryman Serdarymyz öz çykyşlarynda ata-babalarymyz tarapyndan müňýyllyklaryň dowamynda toplanan milli medeni mirasymyzy düýpli öwrenmekde geçirilýän işleriň örän wajypdygyny öwran-öwran nygtaýar. Türkmenistan Merkezi Aziýa sebitinde iň gadymy medeniýetiň döran we ösen ýeri hökmünde tanalýar. Ýurdumyzyň çäklerinde ata-babalarymyz gaýtalanmajak nusgalara eýe bolan medeniýeti, sungaty miras goýup gidipdirler.

Şöhratly taryhymyz diňe geçmişiň mirasy däl, eýsem, geljegimiziň hem berk binýadydyr. Ony öwrenmek, goramak we nesillere ýetirmek her birimiziň borjumyzdyr. Sebäbi taryhyny bilýän halk hemişe beýik ösüşlere tarap ynamly gadam basýar.

**Begençdurdy GURBANOW,**
*Türkmenistanyň Inžener-tehniki we ulag kommunikasiýalary institutynyň jemgyýeti öwreniş ylymlary kafedrasynyň mugallymy.*

# GAHRYMAN ARKADAGYMYZYŇ TÄZEÇIL BAŞLANGYÇLARY

Ýurdumyzyň öňe sürýän başlangyçlary BMG-niň möhüm maksatlary we wezipeleri, ilkinji nobatda, ählumumy parahatçylygy, durnuklylygy, howpsuzlygy üpjün etmek, Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmek boýunça wezipeler bilen gönüden-göni baglanyşyklydyr. Şunuň bilen baglylykda, Gahryman Arkadagymyzyň Energetika we howa boýunça halkara Wena forumynda öňe süren halkara başlangyçlary hem munuň aýdyň subutnamasydyr. Bu forumda Gahryman Arkadagymyz energetika ulgamyndaky halkara hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmek, ony syýasylaşdyrmakdan daşlaşdyrmak babatda möhüm başlangyçlary öňe sürdi.



Hususan-da, Gahryman Arkadagymyzyň BMG-niň howandarlygynda energetika ulgamyndaky gatnaşyklary işjeňleşdirmek babatda Energetika kodeksini döretmek başlangyjy halkara jemgyýetçiliginiň ünsüni çekdi. Häzirki döwürde energetika ulgamy islendik döwletiň ykdysady ösüşiniň esasy sütüni bolup durýar. Türkmenistan hem baý tebigy gaz gorlaryna we giň energetika mümkinçiliklerine eýe bolan ýurt hökmünde bu ugurda netijeli dolandyryşy üpjün etmäge aýratyn üns berýär. Şeýle şertlerde Energetika kodeksini işläp taýýarlamak baradaky teklip döwrüň möhüm talaplarynyň biridir.

Ilki bilen, Energetika kodeksi ýurduň ähli energetika ulgamyny bitewi hukuk binýadynda jemlemäge mümkinçilik berer. Häzirki wagtda dürli kanunçylyk namalary arkaly düzgünleşdirilýän bu ugurlar bir kodeksde birleşdirilse, dolandyryş has aýdyň we netijeli bolar.

Şeýle kodeks daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmekde möhüm ähmiýetli bolar. Açyk we düşnükli kanunçylyk düzgünleri halkara hyzmatdaşlary üçin ygtybarly hukuk gurşawyny döredýär. Bu bolsa energetika taslamalarynyň giňelmegine, täze tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagyna we ykdysady ösüşiň depgininiň ýokarlanmagyna getirýär.

Energetika kodeksi ekologik howpsuzlygy üpjün etmekde hem uly ähmiýete eýe bolar. Energetika önümçiliginiň daşky gurşawa ýetirýän täsirini azaltmaga, gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmelerini ösdürmäge we energiýa tygşytlaýyş syýasatlaryny ornaşdyrmaga hem mümkiniçilik berer.

Umuman, Gahryman Arkadagymyzyň Energetika kodeksini işläp taýýarlamak baradaky başlangyjy diňe bir hukuk taýdan däl, eýsem, ykdysady we ekologiýa taýdan hem uly ähmiýete eýe bolup durýar. Şeýle kodeks ýurduň energetika syýasatyny täze derejä çykarmaga, halkara hyzmatdaşlygy giňeltmäge we durnukly ösüşi üpjün etmäge hyzmat eder.

**Hemra ANNAÝEW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň mugallymy.*

## EDEBIÝAT

***Rene Dekart: «Oňat kitaplary okamak – bu geçen döwürleriň iň asylly ynsanlary bilen söhbetdeşlikdir. Bu söhbetde olar biziň bilen özleriniň iň gowy pikirlerini paýlaşýarlar».***

# Beýik ýazyjylaryň durmuşyndan

Günleriň birinde Mark Twen goňşusyndan okamak üçin kitap soraýar. Goňşusy:

– Bolýar, al-da okaber. Ýöne bir şert bilen, men kitaplarymy öýden çykaramok. Şonuň üçin öýde okamaly bolarsyň – diýýär.

Aradan birnäçe gün geçýär. Hälki goňşusy ýazyjynyň öýüne gelip güllerini gyrkmak üçin gaýçy soraýar. Mark Twen:

– Bolýar, al, ýöne bir şert bilen. Men gaýçylarymy öýümden çykaramok. Şonuň üçinem gülleriňi öýüme getirip gyrkmaly bolarsyň – diýip suňşurýar.

* * *

Neşirýat redaktorlarynyň biri Mark Twene ýazan tekstlerinde dyngy belgileri goýmaýandygyndan, ýalňyşlaryň köpdüginden igenip uzyn hat ýazýar. Haty okan ýazyjy şondan soň iberen golýazmasynyň ahyryna dyngylaryň birnäçesini goşýar we şeýle ýazýar:

«Gadyrly redaktor, iberen golýazmalaryma näçe isleseňiz goýmak üçin size dyngy belgileri ýollaýaryn».

* * *

Lew Tolstoý gojalan döwründe welosiped sürmegi öwrenýär. Şol döwürde ýokary aristokrat ýazyjynyň bu hereketi jemgyýet tarapyndan geň görülýär. Günlerde bir gün Tolstoý welosiped sürüp barýarka agaja urýar. Ýazyjy gündeliginde bu barada şeýle belleýär:

«Bu gün welosipedden ýykyldym. Meniň üçin bu günüň iň erbet hadysasy boldy. Çünki gymmatly wagtymy bolgusyz işlere sarp etdim».

* * *

Tolstoý ýaşy ilerlän döwri aňrybaş rahat durmuşdan ýüz öwürmek üçin oba daýhanlary ýaly pukaraja geýinýän eken. Günleriň birinde ol demir ýol menzilinde birine garaşyp durka, bezemen geýnüwli asylzada zenanlaryň biri ýazyjyny tanaman, hammaldyr öýdüp, agyr ýükli torbalaryny daşamagy buýurýar. Ýazyjy ýagşy-ýaman zat diýmän, buýrulan işi ýerine ýetirýär. Birdenkä, hälki aýalyň tanyşlaryndan biri:

– Hanym, size hyzmat edip ýören beýik ýazyjy Lew Tolstoý ahyr – diýip, gulagyna çawuş çakýar. Eden gelşiksiz hereketi üçin asylzada aýal utanyp, ýazyjydan ötünç soraýar. Ýöne Tolstoý ýylgyryp şeýle diýýär:

– Aýby ýok, hanym. Çeken zähmetimiň muzduny tölediňiz ahyry!

* * *

Lew Tolstoý el hünärine aýratyn sarpa goýupdyr. Bir döwür ol aýakgap ussaçylygyny öwrenýär, hatda el işi hökmünde köwüş hem tikýär. Ol bir gün ýakyn dostlarynyň birine bir jübüt ädik sowgat berýär. Ädik näçe aýagyny gysyp, yza berse-de, dosty ýazyjynyň ýüzünden geçip bilmän:
– Ädik aýagyma tüýs laýyk bolaýdy, sag bol! – diýýär.

Ädikden gürrüň çykanda ýazyjy: «Ýasanlarym ýazanlarymdan has kämildir» diýýän eken.

* * *

Garrylyk basmarlan döwürleri Tolstoý öz ýazan eserleriniň käbirlerini unudaňkyrlap başlapdyr. Günleriň birinde ol stolunyň üstünde duran kitaplardan birini alyp okaýar-da, ýanyndakylara:

– Serediň-ä, nähili ajaýyp ýazylypdyr! Muny kim ýazdyka? – diýip soraýar. Töweregindäkiler gülşüpdirler-de:

– Bu siziň öz ýazan eseriňiz «Hajymyrat» – diýip, jogap beripdirler.

* * *

Nikolaý Wasilýewiç Gogol Italiýada ýaşan ýyllarynda ýerli milli tagam bolan makarony diýseň halapdyr. Ata Watanyna dolanyp gelende dostlaryny «italýan usulynda», ýagny çalarak bişen makaron bilen hezzetläpdir. Dostlarynyň käbiri makaronyň doly bişmändigini aýdanda, Gogol:

– Siziň hakyky sungatdan başyňyz çykanok – diýipdir.

* * *

Wiktor Gýugo «Biçäreler» romany çap edilende dynç alyşda eken. Ol kitabyň satuwy barada alada edip, neşirýatça diňe sorag belgisinden (?) ybarat hat ýollaýar. Sowala düşünen neşirýatçy satuwyň gowy barýandygyny bildirmek üçin ýekeje ýüzlenme belgisi (!) bilen jogap berýär.

Bu iň gysga sowal-jogap hat hökmünde edebiýatyň taryhyna girýär.

* * *

Gogol ýaşlyk ýyllarynda saçynyň düşmeginden gorkupdyr. Hernäçe alada etse-de, wagtyň geçmegi bilen onuň saçlary seýrekläp başlapdyr. Şonuň üçin ýazyjy üýşmeleňlere baranda oturtma saç ulanyp başlaýar. Gyzykly ýeri bolsa, ol muny hiç kimden gizlejegem bolmandyr. Ol yssylan wagty oturtma saçyny çykaryp, ýelpewaç deregine ulanypdyr.

* * *

Gogol süýji iýmegi şeýle bir halapdyr welin, mydama jübüsinde süýji-köke, guradylan ir-iýmiş göterýän eken. Ýygnaklaryň birinde wajyp gürrüň gidip durka, ol sen-men ýok jübüsinden bir owuç kemput çykaraga-da, iýmäge başlapdyr. Hatda ýazyjynyň dostlary onuň şol ýerde bolandygyny ýa-da bolmandygyny kemput örtükleriniň bar-ýoklugyndan bilipdirler.

* * *

Ernest Hemingueý sözleri tygşytly ulanmagyň ussady bolupdyr. Bir gezek ol dostlary bilen «Bary-ýogy alty sözden ybarat hekaýa ýazyp bilerin» diýip jedel edýär we alty sözden ybarat hekaýa ýazýar. «Satlyk: çaga köwüşleri. Hiç wagt geýilmedik» (Asyl nusgasy: «For sale: Baby shoes, never worn»).

Bu alty söz durmuş dramasyny beýan etmek üçin ýeterlik bolupdyr.

* * *

Jek London ýazyjylyga ýaňy başlan döwründe gazet-žurnallara hödürlän eserleriniň barysy yzyna gaýtarylypdyr. Ýöne bu ýagdaý ony asla ruhdan düşürmändir. Ýazyjy gelen hatlary zibile zyňman, olary iş otagynda petikden asyp goýýar. Hatlar şeýle bir köpelipdir welin, öýe girenler eglip ýöremäge mejbur bolupdyr. Bu barada gürrüň edilende ýazyjy: «Jaýyň petigini kagyz bilen örtdüm, indi ony reňklemegiň hajaty ýok» diýip degşipdir.

* * *

Jek London meşhur bolandan soň, neşirýatçylar onuň eserlerini çap etmekde özara bäsleşip başlaýarlar. Şonuň üçin hem olardan biri ýazyja «Sen nirede? Golýazma taýýarmy?» diýip, üznüksiz telegramma ýollap durýar.

Jogap hökmünde bolsa her gezek ýazyjynyň adyndan dürli şäherlerden telegramma gelipdir. Neşirýatçy ony hemişe syýahatda gezip ýörendir öýdüpdir. Ýazyjy bolsa hiç ýere gitmän, öýüniň arka howlusynda hezil edip kitap okaýar eken. Telegrammany bolsa onuň haýyşy bilen dürli şäherlerde ýaşaýan dost-ýarlary ýollapdyr.

* * *

Kolumbiýaly ýazyjy Gabriel Garsia Markes «Ýalňyzlygyň ýüz ýyly» romanyny ýazmaga girişende, öz islegi bilen işden çykýar we bir ýarym ýyllap öýünden çykman, basa oturyp işleýär. Şol aralykda maşgalanyň maddy ýagdaýy gaty peselýär. Ýöne ýazyjynyň ýanýoldaşy Mersedes ýeri gelende karz-kowal almak bilen bolsa-da, maşgalanyň keşigini çekýär. Eser ýazylyp tamamlananda, är-aýal golýazmany neşirýata ýollamak üçin aragatnaşyk bölümine barýarlar. Emma romanyň göwrümi uly bolansoň, olaryň barja puly eseriň diňe ýarysyny ýollamaga ýetýär. Galan ýarysyny ibermek üçin bolsa öýündäki aşhana mikserini we saç guradýan enjamy satýarlar. Aragatnaşyk edarasyndan çykyp barýarka aýaly:

– Goba (ýazyjynyň aýaly onuň adyny Goba diýip tutýan eken), eger, bardy-geldi, kitap neşir edilmese näderkäk? – diýip soraýar...

Roman gysga wagtyň içinde meşhurlyk gazanyp, dünýäniň ençeme diline terjime edilýär.

* * *

Gabriel Markes iş stolunyň üstünde hemişe sary reňkli gül goýupdyr. Ol munuň şowlulyk getirýändigine ynanypdyr.

Ol ýazýan wagty iş otagyna hiç kimiň, hatda aýalynyň hem girmegine rugsat bermändir. Günleriň birinde işläp otyrka öýünde goh-galmagal turýar, ýöne ýazyjy lükgeligi bilen eser ýazmaga berlensoň, çagalarynyň gymmat bahaly wazany kül-owram edendigini hem duýmandyr.

* * *

Markes 1982-nji ýylda Nobel baýragyna mynasyp bolýar. Däbe görä baýragyň gowşurylyş dabarasynda laureatlar gara reňkli eşik geýmeli eken. Ýöne ýazyjy muňa kes-kelläm boýun egmän, Kolumbiýanyň milli lybasy bolan ak reňkli «liquid-liqui» geýip barýar. Muny geýmek bilen, ol Latyn Amerikasynyň gyzgyn ýürekdeşligini bildirmek isläpdir. Ýazyjynyň şol dabarada «Latyn Amerikasynyň ýalňyzlygy» atly çykyşy taryhdaky iň gowy çykyşlaryň biri hasaplanýar.

**Terjime eden Jemşit DURDYÝEW,**
*Dänew etrabyndaky 32-nji orta mekdebiň mugallymy.*

## Paýhaslar

☑ Üstünlik gazanmak islegiňiz şowsuzlyk gorkusyndan has uly bolmalydyr.
***Bill Kosbi.***

☑ Ynsana bolan hormat biziň öňe tarap hereket etmegimiz üçin zerur bolan iň esasy şertdir.
***Antuan de Sent-Ekzýuperi.***

☑ Çylşyrymlaşdyrma. Ýigrençden, günäden we göripçilikden gaç. Arzuwyňy gömmäge ýol berme, ony amala aşyr. Oýan we ýaşa!
***Bob Marli.***

☑ Akylly adamlar öýkelemeýärler, olar netije çykarýarlar.
***Agata Kristi.***

☑ Siziň wagtyňyz çäkli, şonuň üçin ony başga biriniň durmuşy bilen ýaşap, biderek sarp etmäň.
***Stiw Jobs.***

☑ Mundan 20 ýyl geçensoň, eden işleriňizden däl-de, etmedik işleriňizden has köp lapykeç bolarsyňyz.
***Mark Twen.***

☑ Müňkür bolmak özüňe bolan ynamyň pesliginiň alamatydyr.

☑ Hiç kime ynanmaýan adamlar, adatça, özlerine-de ynanyp bolmajagyny bilýänlerdir.
***Somerset Moem.***

☑ Göripçilik öz jezasyny öz içinde göterýändir.
***Iwan Turgenew.***

☑ Özgäniň üstünligi hemişe mynasyp däl ýaly bolup görünýär.
***Anton Çehow.***

☑ Iň esasy zat hatda ýagdaýlar seniň garşyňa bolsa-da, ruhdan düşmezlikdir.
***Jek London.***

☑ Wagt geçip dur, mesele hem şunda. Geçmiş köpelýär, geljek bolsa gysgalýar. Bir zatlar etmäge bolan mümkinçilik barha azalýar we ýetişmedik zatlaryň üçin ökünç barha artýar.
***Haruki Murakami.***

☑ Özüni tanaýan adama, başgalaryň ol barada näme diýýändigi gorkuly däldir.
***Ymam Şafygy.***

☑ Kitaplaryň daşky görnüşine görä baha bermäge synanyşmaň.
***Reý Bredberi.***

☑ Durmuşy nähili geçirýän bolsaň, şonuň ýaly-da geçip gider.
***Omar Haýýam.***

☑ Ähli ýetilen sepgitleriň başlangyç nokady islegdir.
***Napoleon Hill.***

# «LISEÝ» BAÝRAGYNYŇ ONUNJY MÖWSÜMI

Ýaş kyssaçylar we şahyrlar üçin Aleksandr Puşkin adyndaky «Liseý» edebiýat baýragy onunjy möwsümde baýraga dalaş etmek üçin işleri kabul etmegiň netijelerini mälim etdi.




Bu ýyl «Liseý» baýragyna jemi 1659 sany ýüztutma (818-si «Kyssa», 841-si «Goşgy» ugrundan) gelip gowuşdy. Olar Russiýanyň 300 şäherinden we dünýäniň 20 ýurdundan: Azerbaýjandan, Ermenistandan, Belarusdan, Germaniýadan, Gruziýadan, Ispaniýadan, Gazagystandan, Gyrgyzystandan, Niderlandlardan, Portugaliýadan, Serbiýadan, Özbegistandan, Fransiýadan, Ýaponiýadan we beýleki ýurtlardan bolan awtorlardyr. Şu möwsümde baýraga dalaşgärleriň ortaça ýaşy 27 ýaşdyr. Iň ýaş awtoryň bolsa 15 ýaşy bar.

Gelip gowşan ýüztutmalara baýragyň Ekspert geňeşi tarapyndan serediler. 2026-njy ýylda geňeşiň düzümine şu aşakdakylar girdi: kyssaçy, edebiýat tankytçysy, Ekspert geňeşiniň başlygy Roman Sençin, ýazyjylar Ilýa Koçergin we Sergeý Samsonow, şahyrlar Wadim Murathanow we Aleksandr Perewerzin, edebiýat tankytçylary Ýelena Pogorelaýa we Iwan Rodionow, şeýle hem redaktor, edebi synçy, ýazyjy Anastasiýa Şewçenko.

«Liseý» baýragynyň onunjy möwsüminiň «uzyn sanawy» 14-nji aprelde çap edildi, «gysga sanawy» bolsa 6-njy maýda yglan ediler. Şondan soň baýragyň eminler topary işe başlap, her ugur boýunça üç sany ýeňijini kesgitlär.

Ýeňijileri sylaglamak dabarasy 6-njy iýunda – Aleksandr Puşkiniň doglan gününde, XII «Gyzyl meýdança» kitap festiwalynyň Baş sahnasynda geçiriler. «Rideró» neşirýat hyzmatynyň «Kitap blogerleriniň saýlawy» atly aýratyn ugrunda bolsa «Kyssa» we «Goşgy» kategoriýalary boýunça ýeňijiler mälim ediler.

# ÇAGALAR KITAP ÝARMARKASY GEÇIRILDI

Italiýanyň Bolonýa şäherinde 13-16-njy aprel aralygynda geçirilen 63-nji Halkara çagalar kitap ýarmarkasy (Bologna Children's Book Fair) üstünlikli tamamlandy. Çagalar edebiýatynyň «Olimpiadasy» hasaplanýan bu forum dünýäniň 100-den gowrak ýurdundan gelen neşirýatçylaryň, ýazyjylaryň we suratçylaryň gatnaşmagynda pudagyň täze ösüş ugurlaryny kesgitledi. Geçen dört günüň dowamynda neşir hukugy boýunça müňlerçe şertnamalara gol çekilip, sanly tehnologiýalaryň we emeli aňyň çagalar kitaplaryndaky orny barada çekişmeler forumyň esasy mazmunyny düzdi.



Şu ýylky serginiň aýratyn üns merkezinde bolan «Amazing Bookshelf» bölümi dünýäniň 43 döwletinden saýlanan 150 sany iň gowy täze neşiri okyjylara hödürledi. Şeýle-de çäräniň çäginde abraýly «BolognaRagazzi Award» baýragynyň ýeňijileri yglan edilip, çagalar edebiýatynda iň gowy dizaýn we mazmun çözgütleri sylaglandy. Ýarmarkanyň dowamynda guralan illýustrasiýa sergileri we ussatlyk sapaklary häzirki zaman çagalar kitaplarynyň diňe bir maglumat çeşmesi däl, eýsem, ýokary derejeli sungat eserine öwrülýändigini ýene bir gezek subut etdi. 1963-nji ýyldan bäri yzygiderli geçirilip gelinýän Bolonýa kitap ýarmarkasy bu gezek hem dünýäniň iň uly intellektual we söwda meýdançasy hökmünde öz ornuny berkitdi.

## DÜNÝÄ TÄZELIKLERI
### gysga setirlerde

**Ösümlikler çyralaryň ýerini tutar.** Hytaýly biotehnologlar genetik taýdan üýtgedilen we ýörite metal bölejikleri ornaşdyrylan, garaňkyda öz-özünden ýagtylyk saçýan ösümlikleri işläp düzdüler.



«Magicpen Bio» kompaniýasynyň bu oýlap tapyşy elektrik energiýasyny ulanmazdan, seýilgähleri we syýahatçylyk zolaklaryny ýagtylandyrmaga, şeýle-de şäher ekologiýasyny gowulandyrmaga mümkinçilik berer.

**17,9 million dollara satylan kartina.** Raja Rawi Warmanyň «Ýaşoda we Krişna» atly kartinasy Delidäki auksionda 17,9 million dollara satylyp, Hindistanyň taryhynda iň gymmat eser boldy.



Milli hazyna hasaplanýan bu polotnony meşhur işewür Saýrus Punawalla satyn aldy. Kanun boýunça ýurtdan çykarylmagy gadagan edilen eser indi diňe Hindistanda saklanar we wagtal-wagtal köpçülige görkeziler.

**Wan Goguň täze eseri tapyldy.** Budapeştde Wan Goguň «Arldaky tans zaly» kartinasyna meňzeş näbelli eseri tapyldy.



Ekspert Žofiýa Wegwariniň laboratoriýasy holstuň we boýagyň düzümini seljerip, ony 1885–1890-njy ýyllara degişli edýär. Daşary ýurtly kolleksiýaçynyň tabşyran bu tapyndysy boýunça ylmy barlaglar dowam edýär. Eger awtorlyk tassyklansa, bu XXI asyryň iň uly sungat açyşlarynyň biri bolar.

**Emeli aň bilen filmlerini täzeleýär.** Bolliwud emeli aňy ulanyp, köne filmleriň dublýažyny kämilleşdirýär we hatda «Raanjhanaa» dramasynyň soňuny hem bagtly jemlemä üýtgetdi.



Bu tehnologiýa dodak hereketlerini islendik dile sazlamaga we köne kadrlary dikeltmäge mümkinçilik berýär. Sanly transformasiýa hindi kinosynyň halkara bazaryndaky täsirini artdyrmakda esasy strategik gurala öwrüldi.

**It-pişikler üçin ýörite teleýaýlym.** Hytaýda öý haýwanlarynyň görüş we eşidiş aýratynlyklaryna uýgunlaşdyrylan gije-gündizleýin tölegli teleýaýlym işe başlady.



Maglumatlara görä, aýlyk 25 ýuan bolan bu hyzmat haýwanlaryň nerw ulgamyny köşeşdirýän we akyl ukybyny ösdürýän ýörite režimleri hödürleýär. Ýurtda öý haýwanlary bazarynyň 2028-nji ýyla çenli 59 milliard dollara ýetmegine garaşylýar.

**Antarktidada täze ada tapyldy.** «Polarstern» nemes buz döwýän gämisiniň alymlary Antarktidanyň Ueddell deňzinde ozal näbelli bolan adany ýüze çykardylar.



Uzynlygy 130, beýikligi 16 metre barabar gaýa meňzeş gury ýer bölegi ozal buz bilen örtülendigi sebäpli hemra suratlarynda aýsbergdir öýdülipdir. Häzirki wagtda halkara ekspedisiýasy täze ada at bermek üçin taýýarlanýar.

**Solmaýan suratlary çap eder.** Ýaponiýanyň Kobe uniwersitetiniň alymlary hiç wagt solmaýan we öçmeýän innowasion çüwdürim çap usulyny döretdiler. Adaty pigmentleriň ýerine ýagtylygy döwýän kremniý nanosferalarynyň ulanylmagy suratlaryň asyrlarboýy ilkibaşky durkuny saklamagyna şert döredýär. Täze tehnologiýa energiýa sarp etmeýän displeýleri öndürmekde we resminamalary galplykdan goramakda giňden ulanylar.



## TARYHDA ŞU GÜN

**1913-nji ýylyň 17-nji aprelinde britan uçarmany Gustaw Hemel «Bleriot XI» monoplanynda Duwrdan (Angliýa) Kölne (Germaniýa) çenli 4 sagat 18 minutlyk uçuşy üstünlikli tamamlap, awiasiýanyň taryhynda täze rekord goýdy. Bu taryhy waka şol döwrüň uçarlarynyň tehniki taýdan ygtybarlylygyny we uçarmanlaryň halkara derejesindäki uzak aralyklary geçmäge bolan uly ukybyny dünýä jemgyýetçiligine doly subut etdi.**



# Yragyň täze Prezidenti saýlandy

11-nji aprelde Yragyň parlamenti Bagdatda geçirilen ses berişligiň netijesinde ýurduň ozalky daşky gurşawy goramak ministri Nizar Amedini Respublikanyň täze Prezidenti wezipesine saýlady. Kürdüstanyň watançylar birleşigi (PUK) partiýasynyň wekili bolan Amedi ses berişligiň ikinji tapgyrynda 227 sese eýe bolup, bäsdeşi Mutana Amin Naderden (15 ses) uly tapawut bilen öňe saýlandy we resmi taýdan kasam kabul etdi. Ýurduň Konstitusiýasyna görä, täze saýlanan döwlet Baştutany 15 günüň dowamynda iň uly parlament blogynyň liderine hökümeti düzmek wezipesini tabşyrmalydyr.

Prezident saýlawlaryna 329 orunlyk parlamentden 250 deputat gatnaşyp, bu san kanunçylykda talap edilýän 220 deputatlyk kworumy üpjün etdi. Birinji tapgyrda Amedi 208 ses alsa-da, dalaşgärleriň hiç biri sesleriň üçden iki bölegini alyp bilmändigi sebäpli ses berişlik ikinji tapgyra geçdi we ol ýerde ýönekeý köpçülik bilen ýeňiş gazanyldy.

Täze Prezident Nizar Amedi 1968-nji ýylda ýurduň Duhok şäherinde dünýä indi. Ol hünäri boýunça tehniki bilimli bolup, 2022–2024-nji ýyllar aralygynda ýurduň daşky gurşawy goramak ministri wezipesinde işledi, şeýle hem mundan ozalky Prezidentler Jelal Talabaniniň, Fuad Masumyň we Abdul-Latif Raşidiň geňeşçisi boldy. Saýlawdan soň eden çykyşynda Amedi «ilki bilen Yrak» ýörelgesine wepaly bol-



jakdygyny we ýurduň öňünde duran çylşyrymly meseleleri çözmäge çalyşjakdygyny» nygtady.

Yragyň syýasy ulgamyna görä, prezidentlik wezipesi ýurduň kürt jemgyýetiniň wekiline berilýär we esasan, wekilçilikli häsiýete eýe bolup, esasy ýerine ýetiriji häkimiýet Premýer-ministriň ygtyýarynda jemlenýär. 2022-nji ýyldan bäri bu wezipäni eýeläp gelen 9-njy Prezident Abdel Latif Raşid bu gezekki saýlawlarda öz dalaşgärligini hödürlemedi.

# «Tisa» partiýasy ýeňiş gazandy

**12-nji aprelde Wengriýada geçirilen parlament saýlawlarynyň deslapky netijeleri ýurtda täze syýasy döwrüň başlanandygyny görkezýär. Milli saýlaw býurosy-**




**nyň habar bermegine görä, sesleriň 98,63 göterimi hasaplanandan soň, Peter Madýaryň ýolbaşçylygyndaky «Tisa» partiýasy uly artykmaçlyk bilen ýeňiş gazandy. 199 orunlyk Döwlet ýygnagynda (parlamentde) 138 mandat alan bu partiýa öňümizdäki dört ýyl üçin konstitusion köplügi ygtyýaryna geçirdi. Saýlawlara gatnaşyk rekord derejä – 79,51 göterime deň bolup, bu görkeziji ýurduň taryhyndaky iň ýokary işjeňlik hökmünde hasaba alyndy.**

**Häzirki Premýer-ministr Wiktor Orbanyň ýolbaşçylygyndaky «FIDES – Wengriýa raýat birleşigi» partiýasy we onuň hyzmatdaşy Hristian-demokratik halk partiýasy parlamentde 55 orun eýeledi. Wiktor Orban saýlawlaryň netijesini ykrar edip, ýeňiji partiýany gutlady we öz syýasy güýjüniň mundan beýläk ýurda hyzmat etjekdigini mälim etdi. Täze düzümdäki parlamentde, şeýle hem, «Biziň watanymyz» partiýasy 6 orun bilen wekilçilik eder.**

**Halkara synçylaryň, şol sanda ÝHHG-niň we dürli döwletleriň Merkezi saýlaw toparlarynyň wekilleriniň gatnaşmagynda ses berişlik guramaçylykly we bäsdeşlik esasynda geçdi. Ýeňiş gazanan «Tisa» partiýasynyň Lideri Peter Madýaryň maý aýynyň başynda geçiriljek ilkinji mejlisde hökümet Baştutanlygyna saýlanmagyna garaşylýar. Ol ilkinji çykyşlarynda ýurtda milli agzybirligi berkitmäge we halkara hyzmatdaşlygy ösdürmäge taýýardygyny nygtady. Wengriýanyň kanunçylygyna laýyklykda, sesleriň gutarnykly hasabaty 18-nji aprelde yglan ediler.**

# ISPANIÝA-HYTAÝ: ÝOKARY DEREJELI GEPLEŞIKLER

Ispaniýanyň Premýer-ministri Pedro Sançesiň 11-15-nji aprel aralygynda Hytaý Halk Respublikasyna amala aşyran resmi sapary tamamlandy. Saparyň dowamynda Ispaniýanyň hökümet Baştutany Pekinde HHR-niň Başlygy Si Szinpin, Döwlet Geňeşiniň Premýeri Li Sýan we Ählihytaý halk wekilleriniň ýygnagynyň Hemişelik komitetiniň başlygy Çžao Leszi bilen duşuşyp, ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň häzirki ýagdaýyny we geljegini ara alyp maslahatlaşdy. Taraplar strategik özara ynamy çuňlaşdyrmakda, söwda-ykdysady hyzmatdaşlygy giňeltmekde we halkara giňişliginde parahatçylygy hem-de durnuklylygy üpjün etmekde tagallalary utgaşdyrmak barada ylalaşdylar.

Premýer-ministr Sançes 13-nji aprelde Hytaýyň Ylymlar akademiýasynyň uniwersitetinde sözlän sözünde Hytaýy dünýäde parahatçylygy üpjün etmekde has işjeň rol oýnamaga we global gapma-garşylyklarda netijeli araçy bolmaga çagyrdy. Saparyň çäklerinde Premýer-ministr Sançes «Xiaomi» korporasiýasynyň ştab-kwartirasyna baryp, sanlylaşdyrma ulgamyndaky täzelikler bilen tanyşdy we Ispaniýanyň bu ulgama maýa goýumlaryny çekmäge gyzyklanma bildirýändigini nygtady.

Bu soňky dört ýylyň içinde Pedro Sançesiň Hytaýa dördünji gezek sapary bolup, Madrid bilen Pekiniň arasyndaky syýasy gatnaşyklaryň yzygiderli ösýändigini subut edýär. Taraplar duşuşyklaryň dowamynda dünýä ykdysadyýetindäki we sebitdäki durnuklylyga itergi berjek hyzmatdaşlyk meselelerine aýratyn üns berdiler. Hytaýyň Daşary işler ministrliginiň resmi wekili Mao Nin bu saparyň iki ýurduň arasyndaky gatnaşyklary täze derejä çykarjakdygyny we köptaraplaýyn gatnaşyklaryň ösmegine goşant goşjakdygyny belledi. Duşuşyklarda Ýakyn Gündogardaky ýagdaýlar we beýleki halkara meseleleri barada hem pikir alşyldy. Gepleşikleriň netijeleri Ispaniýanyň Ýewropa Bileleşigindäki möhüm hyzmatdaş hökmündäki ornuny tassyklamak bilen, hytaý-ispan gatnaşyklarynyň mundan beýläk-de rowaçlanmagyna täze mümkinçilikleri açdy.



# «Artemis II» ekipažy dolanyp geldi

NASA-nyň «Orion» kosmos gämisi 10 günlük taryhy syýahatdan soň, Ýuwaş ummana sag-aman gondy. Bu waka adamzat taryhynda soňky 50 ýyldan gowrak wagtyň içinde Aýa tarap amala aşyrylan ilkinji uçuşyň üstünlikli tamamlanandygyny aňladýar.

11-nji aprelde Kaliforniýanyň kenarynda dünýäniň ünsüni çeken taryhy pursat boldy. NASA-nyň «Artemis II» missiýasynyň ekipažy Rid Waýzmen, Wiktor Glower, Kristina Koh we Jeremi Hansen «Orion» kapsulasynda Aýyň daşyndan aýlanyp, Ýere üstünlikli gondy. Bu missiýa NASA-nyň Aýyň ýüzüne adam gondurmak we geljek onýyllykda ol ýerde durnukly baza gurmak baradaky maksatnamasynyň esasy tapgyry boldy.



Gäminiň Ýere dolanmagy aňsat bolmady. «Integrity» atly kapsula atmosferanyň dykyz gatlaklaryna sese garanyňda 33 esse ýokary tizlikde (sagatda, takmynan, 40 müň km) girdi. Şol pursatda kapsulanyň daşynda dörän gyzgyn plazma sebäpli 6 minutlap Ýer bilen aragatnaşyk doly kesildi. Emma inženerleriň döreden ýörite ýylylyk galkany müňlerçe dereje gyzgynlyga döz gelip, ekipažyň howpsuzlygyny üpjün etdi. Soňra paraşýutlaryň kömegi bilen tizlik sagatda 30 kilometre çenli azaldyldy we gämi ummana emaý bilen gondy.

«Artemis II» missiýasy diňe bir gaýdyş däl, eýsem, täze rekordlaryň goýlan uçuşy boldy. Ekipaž Ýerden 406 müň 771 kilometr uzaklyga gidip, «Apollon-13» gämisiniň uzaklyk rekordyny täzeledi. Kosmonawtlar Aýyň arkasyndaky (Ýerden görünmeýän) taraplaryny öz gözleri bilen görüp, «Ýeriň dogşy» atly täze täsirli suratlary düşürdiler. Şeýle-de uçuş wagtynda olar kosmosdan doly Gün tutulmasyny we planetalaryň bir hatara düzülmegini synladylar.

Bu gezekki ekipaž özüniň köpdürlüligi bilen hem tapawutlandy. Kristina Koh Aýa uçan ilkinji zenan, Wiktor Glower ilkinji garaýagyz kosmonawt, Jeremi Hansen bolsa Aýa syýahat eden ilkinji kanadaly raýat hökmünde taryha girdi. Kosmonawtlar kapsuladan özleri ýöräp çykyp, saglyk ýagdaýlarynyň gowudygyny görkezdiler.

NASA-nyň wekili Lori Gleýz bu üstünligi «kosmosy özleşdirmegiň täze başlangyjy» diýip atlandyrdy. Indi bütin dünýä 2028-nji ýylda meýilleşdirilýän «Artemis III» missiýasyna – adamzadyň Aýyň ýüzüne täzeden aýak basmagyna garaşýar.

# SEÝREK ELEMENTLERIŇ TÄZE SANAWY

ABŞ-nyň Geologik gullugynyň (USGS) 2025-nji ýyl üçin çap eden täze hasabatyna görä, Hytaý 44 million tonna gora eýe bolmak bilen, seýrek duş gelýän elementleriň dünýä bazaryndaky absolýut liderligini saklaýar. Ondan ep-esli yzda 21 million tonna bilen Braziliýa, şeýle-de Hindistan (6,9 million tonna), Awstraliýa (5,7 million tonna), Russiýa we Wýetnam (3-4 million tonna) ýaly strategik gorlary bolan ýurtlar gelýär. Häzirki wagtda dünýäde bu çeşmelere bolan isleg «ýaşyl» energetikanyň, elektroulaglaryň we goranyş senagatynyň ösmegi bilen çalt depginde artýar.




Hytaý diňe bir gorlaryň mukdary boýunça däl, eýsem, olary gaýtadan işlemekde we dünýä bazaryna çykarmakda hem esasy gözegçiligi öz elinde saklaýar. Bu ýagdaý Günbatar ýurtlarda, aýratyn-da 1,9 million tonna goruna garamazdan, importa uly garaşlylygy bolan ABŞ-da üpjünçilik zynjyrynyň durnuklylygy baradaky aladalary güýçlendirýär. Şol sebäpli ABŞ, Awstraliýa we käbir Afrika ýurtlary (Tanzaniýa, GAR) öz hususy önümçiliklerini ösdürmäge maýa goýumlaryny artdyrýarlar.

Seýrek duş gelýän elementler toparyna girýän 17 sany mineral, şol sanda neodim we disproziý ýaly elementler döwrebap elektronikanyň we ýokary tehnologiýaly enjamlaryň aýrylmaz bölegidir. USGS-niň hünärmenleriniň belleýşi ýaly, eksport çäklendirmeleri dünýäniň energetika we goranyş ulgamlaryna göni täsir edip biljek töwekgelçilikleri ýüze çykarýar. Şonuň üçin hem häzirki wagtda dünýä döwletleri üpjünçiligi diwersifikasiýa etmek we belli bir ýurtlara garaşlylygy azaltmak ugrunda işjeň çäreleri görýärler.

# Süýji suw gorlaryna eýe bolan ýurtlar

Bütindünýä bankynyň we halkara guramalaryň 2026-njy ýyl üçin berýän täze maglumatlaryna görä, dünýädäki süýji suw gorlarynyň paýlanyşy bir-birinden örän tapawutly bolmagynda galýar. Sanawyň ýokary basgançagynda, takmynan, 5 milliard 661 million kub metr süýji suw gory bilen Braziliýa durýar. Amazonka derýasynyň äpet suw ulgamy bu ýurduň dünýäde birinji orny eýelemegini üpjün edýär. Ikinji orunda bolsa 4 milliard 312 million kub metr görkeziji bilen Russiýa gelýär.

Dünýäniň iň uly suw baýlygyna eýe bolan beýleki ýurtlaryň hataryna Kanada (2 milliard 850 million m³), ABŞ (2 milliard 818 million m³) we Hytaý (2 milliard 813 million m³) girýär. Şeýle-de Kolumbiýa, Indoneziýa we Peru ýaly döwletler hem suw gorlarynyň köpdügi bilen tapawutlanýarlar. Hindistan 1 milliard 446 million kub metr gory bilen sanawyň öň hatarlarynda bolsa-da, ilat sanynyň aşa köpdügi sebäpli häzirki wagtda suw gytçylygyny başdan geçirýär. Mýanma hem 1 milliard kub metrden gowrak suw ätiýaçlygy bilen bu möhüm sanawa girmegi başardy.

Emma hünärmenler suwuň mukdarynyň köp bolmagynyň heniz doly üpjünçilik däldigini duýdurýarlar. Häzirki wagtda dünýädäki süýji suwuň 70%-den gowragy oba hojalygynda sarp edilýär.



Bütindünýä bankynyň çaklamalaryna görä, 2030-njy ýyla çenli dünýäde suwa bolan isleg elýeterli üpjünçilikden 40% geçip biler. Bu global çökgünligiň esasy sebäpleri hökmünde ilatyň çalt köpelmegi, şäherleşme we oba hojalygynyň giňelmegi görkezilýär. Geljekde suw diňe tebigy baýlyk däl, eýsem, ýurtlaryň strategik durnuklylygyny kesgitleýän esasy faktor bolar.

# DÜNÝÄNIŇ IŇ MEŞHUR MUZEÝLERI

«The Art Newspaper» neşiri 2025-nji ýylyň netijeleri boýunça dünýäniň iň gelim-gidimli 100 muzeýiniň täze reýtingini çap etdi. Sanawyň birinji basgançagynda Parižiň Luwr muzeýi eýýäm birnäçe ýyl bäri öz ornuny berk saklap gelýär. Geçen ýyl bu sungat ojagyna 9 million 46 müňden gowrak adam baryp gördi. Ilkinji onlugyň dowamynda Watikan muzeýleri (6,9 million) we Seuldaky Koreýa Respublikasynyň Milli muzeýi (6,5 million) ýerleşýär.

Şeýle-de sanawa Londonyň Britan muzeýi, Nýu-Ýorkdaky Metropoliten sungat muzeýi, Sankt-Peterburgdaky Döwlet rus muzeýi, Mehikodaky Milli antropologiýa muzeýi, Şanhaý muzeýi hem-de Londonyň Teýt häzirki zaman we Milli galereýalary girmegi başardy.

Umumylykda, iň meşhur 100 muzeýe bir ýylyň dowamynda 200 milliondan gowrak syýahatçy barypdyr. Bu görkeziji pandemiýa döwründäki peselmeden soňra pudagyň ep-esli dikelendigini görkezýär. Emma Ýewropanyň we ABŞ-nyň birnäçe iri muzeýleri entek 2019-njy ýyldaky rekord derejelerine doly ýetip bilenoklar. Muňa garamazdan, Aziýa we Latyn Amerikasy



ýurtlarynda muzeý medeniýetine bolan gyzyklanma barha artýar. Hünärmenleriň bellemegine görä, bu sebitlerde täze muzeý infrastrukturasynyň döredilmegi we halkara sergileriň yzygiderli guralmagy myhmanlaryň sanynyň durnukly ösmegine ýol açýar.

# BUZLUKLARY GORAMAK: SEBITLEÝIN BAŞLANGYÇLAR

Merkezi Aziýada we beýleki daglyk sebitlerde buzluklar ozal görülmedik depgin bilen ereýär. Howanyň maýlamagy, gyşyna sowuk günleriň azalmagy we tomsuň uzamagy buzluklaryň çäginiň kiçelmegine sebäp bolýar. Ýer ýüzündäki süýji suw gorlarynyň 70 göterimine golaýy buzluklarda jemlenip, takmynan, 2 milliard adam bu çeşmelere bil baglaýar.

Ýewraziýa ösüş bankynyň maglumatlaryna görä, Merkezi Aziýada temperatura planetanyň ortaçasyndan iki esse çalt ýokarlanýar. Muňa garşylyk hökmünde Gazagystan, Gyrgyzystan, Täjigistan, Türkmenistan we Özbegistan howanyň üýtgemegine uýgunlaşmagyň sebitleýin strategiýasyny bilelikde işläp düzdüler. Bu ýurtlaryň hünärmenleri agzalan strategiýanyň çäginde sebitiň buzluklarynyň doly sanawyny taýýarlaýarlar.

Täjigistanyň başlangyjy bilen BMG tarapyndan 2025-nji ýylyň Halkara buzluklary goramak ýyly diýlip yglan edilmegi bu ugra global ünsi çekdi. Şonuň ýaly-da, her ýylyň 21-nji marty Bütindünýä buzluklar güni hökmünde bellenilip başlandy. Mundan başga-da, Kriosfera ylymlaryny goldamak boýunça onýyllyk yglan edilip, dünýäniň doňaklyk guşaklaryny öwrenmek işleri güýçlendirildi. MAGATE-niň tehniki ýardamy bilen Täjigistanda Merkezi Aziýanyň ilkinji izotop gidrologiýa barlaghanasy açyldy. Täze barlag taslamalaryna Gazagystan we Özbegistan hem gatnaşyp, olar izotop gidrologiýasy gurallary arkaly suw gorlarynyň elýeterliligine baha berýärler. Bu işleriň esasy maksady takyk maglumatlar arkaly serhetüsti suw gorlaryny durnukly dolandyrmakdan we ýitip gitmek howpy abanýan buzluklaryň aýratynlyklaryny ylmy esasda saklap galmakdan ybaratdyr.





Sahypany taýýarlan Ýegenmämmet TAÝLYÝEW.

# 1 AEROPORT, 3 ÝURT

Fransiýanyň Mýuluz şäheriniň golaýynda ýerleşýän «EuroAirport Basel-Mulhouse-Freiburg» Halkara howa menzili bir wagtda üç ýurda gidip bolýandygy bilen tapawutlanýan dünýäniň ýeke-täk aeroportydyr. Halkara howa menzili Şweýsariýanyň Bazel, Fransiýanyň Mýuluz we Germaniýanyň Fraýburg şäherleriniň bilelikdäki howa menzili hasaplanýar. Bazelden 6 kilometr, Mýuluzdan 22 kilometr we Fraýburgdan 70 kilometr uzaklykda ýerleşýän howa menziline baran ýolagçylar islendik üç ýurda girip bilýärler. Fransiýanyň çäginde ýerleşýändigine garamazdan, Şweýsariýanyň Bazel şäheriniň gümrük çägine degişli hasaplanýan aeroportyň statusy 1946-njy ýylda bu üç ýurduň arasynda gol çekilen şertnama bilen kesgitlenýär. Haýsydyr bir gümrük ýa-da serhet çäklendirmesi bolmazdan, üç ýurduň çäginden hem howa menziline baryp bolýar.

Şweýsariýanyň 2009-njy ýylda Şengen şertnamasyna goşulmagy bilen, Şengen we beýleki sebitden gelen ýolagçylar üçin aýratynlykda düzgünleşdirilýär.



«EuroAirport»-yň adaty bolmadyk statusy sebäpli üç sany IATA (Howa gatnawlarynyň halkara assosiasiýasy) kody bar – BSL (Bazel), MLH (Mýuluz) we EAP (EuroAirport). Mälim bolşy ýaly, her bir Halkara howa menziline IATA tarapyndan berilýän üç harply kod bolýar.

1930-njy ýylda Şweýsariýa bilen Fransiýa bilelikde howa menziliniň gurluşygyna başlamak başlangyjyny ýola goýýarlar. Geçirilen gepleşikleriň netijesinde onuň ýeri kesgitlenip, 1946-njy ýylda gurluşyk işlerine başlanýar. Şeýlelikde, Fransiýanyň Blotzaým şäheriniň 4 kilometr demirgazygynda 1 müň 200 metr uçuş-gonuş zolagy bolan howa menzili gurulýar. 1951-53-nji ýyllar aralygynda howa menzili giňeldilýär we uçuş-gonuş zolagynyň uzynlygy 1 müň 600 metre ýetirilýär hem-de «Zollfreistrasse» (gümrüksüz awtoýol) gurulýar. Şeýlelikde, Bazelden Fransiýanyň serhet gözegçiliginden geçmezden aeroporta barmaga mümkinçilik döredilýär.

1960-njy ýylda Bazelde sala salşyk geçirilip, howa menziliniň çägi giňeldilýär. Şondan soňky ýyllarda howa menziliniň terminallary we uçuş-gonuş zolagy has-da uzaldylýar. 1972-nji ýylda demirgazyk-günorta uçuş-gonuş zolagy 3 müň 900 metre çenli uzaldylýar. 1984-nji ýylda howa menziliniň ýolagçylarynyň sany 1 milliona ýetýär.

1987-nji ýylda resmi ady «EuroAirport Basel-Mulhouse-Freiburg» diýlip üýtgedilen howa menziliniň ýolagçy sany 1992-nji ýylda 2 milliona, 1998-nji ýylda 3 milliona ýetýär.

2004-nji ýylda arzan bahaly hyzmat hödürleýän «EasyJet» awiakompaniýasynyň bu ýerde täze merkez açmagy bilen ýolagçylarynyň sany has-da artyp, 2006-njy ýylda 4 milliona ýetýär. Aeroportdan yzygiderli ýolagçy gatnawlary bilen bir hatarda syýahatçylyk möwsüminde ýörite gatnawlar hem ýola goýulýar.

Aeroportda Germaniýa, Fransiýa we Şweýsariýa çykylýan gapylar bar.



# TEHNOLOGIÝA SÖZLÜGI

**Soňky ýyllarda tehnologiýanyň ozalky döwürlerdäkiden has çalt ösmegi netijesinde ýyggy-ýygydan täze adalgalar peýda bolup başlady. Gazetimiziň şu sanynda gündelik durmuşymyza ornaşyp başlan käbir sözleriň düşündirişini bermegi makul bildik.**

- **Emeli aň/EA (Artificial Intelligence - AI):** Kompýuterleriň we programmalaryň adam ýaly pikirlenmek, öwrenmek we meseleleri çözmek ukybydyr. Bu tehnologiýa surat çekmekden başlap, tekst ýazmaga çenli köp işde ulanylýar. Emeli aň tehnologiýasy algoritmler arkaly öwrenýär we özüni yzygiderli kämilleşdirýär.
- **Bulut ýady (Cloud Computing):** Maglumatlary öz kompýuteriňde ýa-da telefonyňda däl-de, internetdäki uzakdaky serwerlerde saklamak hyzmatydyr. Mysal üçin: «Google Drive» ýa-da «iCloud». Köp tehnologiýa kompaniýalary ulanyjylaryna öz maglumatlaryny saklamak üçin tölegli hyzmat, ýagny kärendesine ýer hödürleýär.
- **Çat bot (Chatbot):** Ulanyjylar bilen ýazmaça ýa-da dilden söhbetdeşlik gurap bilýän ýörite programmadyr. Olar köplenç soraglara jogap bermek ýa-da kömek bermek üçin ulanylýar.
- **Kiberhowpsuzlyk (Cybersecurity):** Kompýuterleri, torlary we sanly maglumatlary haker hüjümlerinden, ogurlykdan ýa-da zeper ýetmekden goramak ulgamydyr.
- **Zatlaryň interneti (Internet of Things – IoT):** Elektrik enjamlarynyň, öý hojalyk tehnikalarynyň (sowadyjy, serginlediji, telewizor we ş.m.) internete birigip, awtomatik ýagdaýda bir-biri bilen maglumat alyşmagy we uzakdan dolandyrylmagydyr.
- **Blokçeýn (Blockchain):** Maglumatlaryň ýazgysyny üýtgedip bolmaýan we bir merkeze bagly bolmadyk sanly maglumat saklaýyş ulgamydyr. Bu tehnologiýa, esasan, sanly pullarda (kriptowalýuta) ulanylýar.
- **Wirtual/hyýaly hakykat (Virtual Reality – VR):** Ýörite äýnekleriň kömegi bilen adamy doly sanly dünýäniň içine salýan tehnologiýadyr.
- **Sanly aýak yz (Digital Footprint):** Internet ulananyňyzda yzyňyzda galdyrýan ähli maglumatlaryňyz (goýan teswirleriňiz, gözlegleriňiz, şahsy maglumatlaryňyz).

# DÖWÜRLERIŇ HEM MEDENIÝETLERIŇ ÇATRYGYNDAKY ŞÄHER

Şweýsariýanyň serhetýaka Bazel şäheri taryhy we döwrebap binagärligi bilen tapawutlanýar. Gözel tebigaty bolan şäher Fransiýanyň hem-de Germaniýanyň serhedine gola ýerleşýär. Reýn derýasynyň kenaryndaky şäherde dünýä belli muzeýler bilen bir hatarda sungat galereýalary daşary ýurtly myhmanlary özüne çekýär. Ösen



şäheriçi jemgyýetçilik gatnawy ýörite kart alan myhmanlar üçin tölegsizdir. Bu bolsa, syýahatçylaryň şäheriň gözel ýerlerine gezelenç etmekleri üçin has amatlydyr. Derýanyň kenaryndaky botanika baglary arassa howadan dem almak, dürli ösümlikler bilen tanyşmak üçin uly mümkinçilik hödürleýär. Sýurihden we Ženewadan soňra ýurduň üçünji iri şäheri bolan Bazeliň resmi dili nemesçedir. Şäher ýurduň medeni paýtagty hasaplanýar. Ýurduň ilkinji uniwersiteti hasaplanýan Bazel uniwersiteti hem bu şäherde ýerleşýär. Ýokary bilim edarasy 1460-njy ýylda esaslandyrylypdyr.

**Nireleri gezmeli?** Şäherdäki «Kunstmuseum Basel» muzeýi gadymy döwrebap sungat eserlerine baýdyr. Bazele «muzeýler şäheri» hem diýilýär. «Fondation Beyeler» muzeýi bolsa, sergileriň, gezelençleriň we beýleki tanyşdyrylyş çäreleriniň geçirilmegi bilen tapawutlanýar. «Tengeli» muzeýinde belli şweýsar suratkeşi we heýkeltaraşy Žan Tengeliniň eserleri görkezilýär. Şeýle-de bu muzeýde nusgawy sazlary diňlemäge, ussatlyk sapaklaryna gatnaşmaga hem mümkinçilik döredilýär.

Şäheriň simwoly hasaplanýan Bazel monastyry bolsa, binagärligi bilen haýran galdyrýar. Ýerli häkimiýetiň binasy bolan Rathaus bolsa gadymylygy bilen tapawutlanýar. Binanyň içi heýkeller we kartinalar bilen bezelipdir.

Şäheriň ýene-de bir simwoly bolsa, «Mittlere Brücke» köprüsidir. Bazeldäki köp sanly taryhy binalaryň arasynda ýöräniňde özüňi orta asyrlara baran ýaly duýýarsyň.

Klaýnbazel etrapçasyndaky Klaraplatz köçesi şäherde söwdanyň ösen ýeri hasaplanýar. Bu ýerde söwda merkezleri, bazar, restoranlar we dükanlar bar.



Şäher diňe taryhy desgalary bilen däl, eýsem, döwrebap binalary bilen hem tapawutlanýar. Şäher merkezindäki «Roche Tower» hem-de «Roche Tower 2» binalar özboluşly binagärlik aýratynlygy bilen tapawutlanýar. Ýanaşyk binalaryň ikinjisiniň beýikligi 205 metr bolup, ýurduň iň beýik binasy hasaplanýar. 2022-nji ýylyň 2-nji sentýabrynda açylan binada ofis otaglary ýerleşip, şäheriň işewürliginiň merkezi hasaplanýar. 50 gatly binada 3 müň 200 töweregi işgär zähmet çekýär. 2015-nji ýylda gurlan, beýikligi 178 metre ýetýän «Roche Tower» bolsa ýurduň ikinji beýik binasy hasaplanýar.

Şäher merkezinden uzakda bolmadyk «Zoo Basel» atly haýwanat bagy Şweýsariýada döredilen ilkinji haýwanat bagy hasaplanýar. Ol ýerde dünýäniň ähli ýerinden getirilen ýüzlerçe jandar bar. Haýwanat bagynda ýabany durmuşy goramak bilen bagly taslamalar durmuşa geçirilýär.

Şweýsar aşhanasyna degişli tagamlaryň ählisini diýen ýaly bu şäherde dadyp görmek mümkin. Şäheriň myhmanlary dünýä belli şweýsar şokoladlaryny, bally kökeleri dadyp görýärler. Kofe içmegi halaýanlar üçin hem Bazel iň gowy şäherleriň biridir. Sebäbi şäherde iň köp içilýän gyzgyn içimlik kofe hasaplanýar.

Şengen wizasy bilen barylýandygy sebäpli, myhmanlar hiç hili serhet gözegçiliginden geçmezden Fransiýa ýa-da Germaniýa awtobus we otly ýaly jemgyýetçilik ulaglary bilen gidip bilýärler.

**Reýn derýasy.** Ýewropanyň iri derýalarynyň biri hasaplanýan Reýn derýasy birnäçe şäheri kesip geçýär we käbir ýurtlaryň tebigy serhedini emele getirýär. Demirgazyk deňzine guýýan derýanyň uzynlygy 1 müň 230 kilometre ýetýär. Şweýsariýanyň birnäçe zawodlarydyr önümçilik kärhanalary deňze çykalgasy bolan bu derýanyň kenarynda ýerleşýär. Reýniň ugrunda Germaniýanyň senagat taýdan ösen Dýusseldorf, Köln, Duýsburg ýaly şäherleri ýerleşýär. Şeýle hem derýanyň üsti bilen Niderlandlaryň Rotterdam, Antwerpen we Amsterdam ýaly port şäherlerine baryp bolýar.

# Asgyranyňda näme üçin gözüň ýumulýar?

**Tozan bölejikleri ýa-da mikroblar burunda gyjyndyrma döredeninde bedenimizde garşylykly täsir hökmünde asgyrma peýda bolýar. Asgyrylanda diňe burun däl, eýsem, göz hem awtomatik ýagdaýda işe girýär. Ýagny göz öz-özünden ýumulýar. Eýsem, näme üçin asgyranymyzda gözümiz ýumulýarka?!**



Asgyrylanda gözümiziň ýumulmagy beýniniň awtomatik jogabydyr. Adatça, bu ýagdaýa köp üns berilmeýän hem bolsa, alymlar munuň birnäçe sebäbini belläp geçýärler. Göz myşsasy we gabaklar beýniden gelýän signalyň bir bölegi hökmünde hereket edýär. Netijede bolsa, gözi zyýanly bölejiklerden we ýokary basyşly howa akymyndan goramak üçin gabaklar öz-özünden ýapylýar.

## NÄME ÜÇIN ASGYRÝARYS?

Asgyrmak adaty zat ýaly görünse-de, bedeniň gorag mehanizminiň bir bölegidir. Adamlar diňe ýaramaz ys alanda, burç ysganda, sowuk



howada, sergin şemal öwsende däl, kähalatda salkyn ýerden ýyly ýere çykanda hem asgyrýarlar. Garaňky ýerden ýagty ýere çykylanda hem asgyrylýan wagty bolýar. Adatça, asgyrmak adamda biygtyýar ýagdaýda bolup geçýär. Biygtyýar ýagdaýda bolup geçýän asgyrma burundaky damarlaryň gyjynmagy netijesinde ýüze çykýar. Asgyrmazdan ozal burundaky damarlar beýnä habar ýollaýar. Şonuň netijesinde beýnimiz kelledäki we boýundaky ses damarlaryny birden dartýar. Soňra bolsa içimizden batly howa gelip asgyrýarys. Şeýle ýagdaýda burundaky tozan bölejikleri we mikroblar hem daşary çykýar. Şol sebäpli asgyran wagtymyz elýaglyk bilen agzymyzy ýapmagy unutmaly däldiris. Ýöne agzymyzy doly ýapyp asgyrmak hem saglyk üçin zyýanlydyr. Içimizden gelýän howany dolulygyna daşary çykarmaly.

Alymlar ýagtylyga ýa-da yssy ýere çykylanda asgyrmagyň göz bilen baglydygyny belleýärler. Adamyň gözüniň bäbenegi ýagty ýere çykan-



da kiçelýär. Bu ýagdaýda göze iň ýakyn bolan burundaky damarlar gyjynýar we adam asgyryp goýberýär. Geçirilen barlaglarda adamlaryň 15-25 göteriminiň Güne çykanda yzly-yzyna 4-5 gezek asgyrýandygy ýüze çykarylypdyr.

Alymlar asgyrmagyň hiç hili zyýanynyň ýokdugyny belleýärler. Howadaky haýsydyr bir tozan bölejigi, derlän wagtyň salkyn şemalyň çalmagy ýa-da sowuk howa hem asgyrmaga sebäp bolýar. Şeýle hem alymlar asgyran wagtyň gözüň ýumulýandygyny, ony açyk tutmagyň mümkin däldigini belleýärler. Köp adam asgyrylan wagty ýüregiň örän gysga wagtlyk durýandygyna ynanýar. Emma munuň dogry däldigi bellenilýär. Adam asgyran wagty burnundan çykýan damjalar sagatda 160 kilometr tizlik bilen hereket edýär we 8 metr aralyga gidýär.

# «Akylly» tozan sorujy

**Öýüň rahatlygy we gelşikliligi arassaçylykdan başlanýar. Irki ýyllarda öýi arassalamakda dürli usullar ulanylan bolsa, häzirki döwürde täze tehnologik enjamlar peýda bolýar. Şolaryň biri hem «akylly» tozan sorujy enjamdyr.**

Smartfona ýa-da planşete kabelsiz baglanýan bu enjamy oturan ýeriňde dolandyryp bolýar. Tozan soruja gözegçilik edip, haýsy otagyň arassalanandygyny we nireden näçeräk hapanyň toplanandygyny görüp bolýar. Smartfonda öýüň kartasyny çyzyp, bu enjama buýruk bermek arkaly dolandyryp bolýar. «Akylly» tozan sorujy awtomatik gurak we çygly arassalamak üçin sensorlar, lazer nawigasiýasy (LiDAR) we programma dolandyryşy bolan enjamdyr. Häzirki wagtda meşhurlygy artýan bu enjamy «Dreame», «Roborock», «Xiaomi» we «Narwal» ýaly brendler işläp taýýarlaýar.

«Akylly» tozan sorujylar sesiniň pesligi, ulanmagyň aňsatlygy we awtonom işlemegi bilen arassaçylyk işlerini ep-esli ýeňilleşdirýär. Tozan sorujynyň täze nesli kiçijik bolandygy üçin belli bir çägi uzak wagtlap arassalamaly bolýar. «Akylly» tozan sorujylar adatça tegelek we pessejik bolýar. Bu bolsa enjamyň şkafyň we çekmäniň aşagyny arassalamaga, şeýle hem insiz ýerden hem dykylman geçmegine mümkinçilik berýär. «Akylly» tozan sorujy baradaky ilkinji synanyşyklar 1950-nji ýyllarda başlanýar. 1990-njy ýylda öý hojalyk robotlaryny öndürmäge niýetlenen «iRobot» kompaniýasy esaslandyrylýar. Bu kompaniýa 2002-nji ýylda «Roomba» atly «akylly» tozan sorujyny işläp düzýär. 2005-nji ýylda bolsa poly arassalamak üçin «Scooba» hödürlenýär. Mundan başga-da, «Electrolux», «Dyson» we «Neato Robotics» kompaniýalary hem tegelek



tozan sorujynyň (Electrolux Trilobite, DC06, XV-11) birnäçe nusgasyny öndürýär. «Electrolux» kompaniýasynyň «akylly» tozan sorujynyň käbir görnüşi bir gezekde 150 inedördül metr meýdany süpürip bilýär. Robot tozan sorujy belli bir algoritm boýunça otaglary aýlanýar, burçlary, diwarlary we basgançaklary aňsatlyk bilen tanap bilýär. Arassalaýyş işleri tamamlanandan soň, zarýad berilýän ýerine gaýdyp gelýär.

# Ýylyň kaşaň elektromotosikleti

Finlýandiýanyň «Verge Motorcycles» kompaniýasynyň önümi bolan «Verge TS Pro» motosikli yzky tigirinde okunyň we siminiň ýokdugy, şeýle hem çalt zarýad alýandygy bilen tapawutlanýar. Şu ýyl köpçülige hödürlenen «Verge»-niň 137 at güýjüne eýe bolan bu modeli bir gezekki zarýady bilen 300 kilometr ýol geçip bilýär. 100 km/sag tizlige barýogy 3,5 sekuntda ýetýän iki tigirli ulaga «Donut Lab» tehnologiýa kompaniýasy bilen bilelikde işlenilip taýýarlanan «Donut Motor 2.0» elektrik hereketlendirijisi oturdylypdyr. Motosiklde 20,2 kWt/sag batareýa bolup, 35 minutda dolulygyna zarýad alýar. Elektromotosiklde zynjyr, ýangyç we ýag barýan ulgam ýok. Ulagyň hereketlendirijisi gönüden-göni yzky tigre birleşýär we elektromagnit güýji arkaly motosikli herekete getirýär.

«EICMA 2025» sergisinde görkezilen bu motosikletiň köpçülikleýin satuwy şu ýyl başlandy. Motosikliň täze nesli motosikl ýaryşlaryny guraýjylarda we sürüjilerde uly gyzyklanma döredýär.



# Çigidi daşynda ýerleşýän miwe

**Ýertudana bägülgüllüler maşgalasyna degişli bolan köpýyllyk ösümlik bolup, iýilýän görnüşi ilkinji gezek XV asyrda peýda bolýar. Ata Watany Demirgazyk Amerika hasaplanýan bu miwe birnäçe asyrdan soňra medenileşdirilip, täze görnüşleri peýda bolýar. Ýertudananyň düzüminde köp sanly peýdaly maddalar we ýokumly serişdeler saklanýar. Ýerde bitýän miwäniň bu görnüşi maý-iýun aýlarynda ýetişýär. Çigidi daşynda ýerleşýän bu miwäniň Ýer ýüzünde 600 töweregi (ak, gülgün, gyzyl, sary, altynsow reňkli) görnüşi bar.**

Ýertudana adam bedeni üçin zerur bolan miweleriň biridir. Bu miwe irki ýyllardan bäri halk lukmançylygynda ulanylyp gelnen dermanlyk ösümlikleriň biri hasaplanýar. Ýertudananyň iýmişinden we guradylan ýapraklaryndan dürli melhemler taýýarlanypdyr. Sowuklamada giňden ulanylan bu miwäniň düzüminde köp mukdarda şeker, kalsiý, fosfor, marganes, uglewodlar, demir, kobalt, pektin ýaly maddalar we witaminler saklanýar. Bu miwe ýürek-damar, böwrek, aşgazan ýetmezçiliginiň öňüni almaga, deri kesellerini bejermäge mümkinçilik berýär. Şeýle hem ýertudananyň mikroblara garşy



işjeňlik häsiýeti bar. Her gün ortaça mukdarda (10-12 sany) ýertudana iýmek bedeni zerur bolan A, C witamini, kaliý, kalsiý, magniý we folat bilen üpjün edýär.

## ÝERTUDANANYŇ SAGLYGA PEÝDASY

- Ýertudananyň düzüminde köp mukdarda C witamini saklanýar. Bu bolsa immuniteti güýçlendirmäge ýardam edýär. Ýertudanany mazaly ýuwanyňdan soň, terligine iýmek bedeni C witamin bilen üpjün edip, immuniteti güýçlendirýär.
- Ýertudana folata, ýagny B9 witamine baý miweleriň biridir. Bu madda bedende gan öýjükleriniň kadaly derejede öndürilmegini üpjün edip, ganazlyga sebäp bolýan ýagdaýlaryň öňüni alýar. Göwreli we çagaly aýallaryň ýeterlik derejede ýertudana iýmegi ganazlygyň öňüni almaga ýardam edýär.
- Her gün ýeterlik derejede ýertudana iýmek ýürek-damar ulgamynda döräp biljek howplaryň öňüni alýar. Bu miwäniň düzümindäki bioaktiw maddalar erkin radikallara garşy göreşmäge, stresi azaltmaga, arteriýanyň gatamagynyň öňüni almaga (ateroskleroz) we gan basyşyny kadaly derejede saklamaga ýardam edýär.
- C witamini deriniň çeýeligini üpjün edýär. Tomsuna, esasan hem, howanyň jokrama günleri ýeterlik derejede ýertudana iýmek ultramelewşe şöhleleriniň derä zeper ýetirmeginden goraýar. Şeýle hem ýertudana deriniň garramagynyň öňüni alýar.
- Ýertudananyň düzümindäki askorbin kislotasy we C witamini beýniniň nerw öýjüklerini örtýän gabygyň zeperlenmeginiň öňüni alyp, ýatkeşligi, netijä gelmegi we ýat tutmak endigini güýçlendirmäge ýardam edýär.
- Şeýle hem ýaz paslynyň meşhur miwesi holesteriniň döremek howpuny azaltmaga, içgatamanyň öňüni almaga, diş etini çeýe saklamaga, gandaky şekeri kadaly derejede saklamaga ýardam edýär. Ýertudana aşa köp iýlende agramyň artmagyna we iýmit siňdirişiň bozulmagyna sebäp bolup biler.

# Ýaltalygyň jezasy

Bir wagtlar Ananse atly bir möýjagaz ýaşapdyr. Ol iýmegi örän halaýan eken, ýöne işlemegi halamaz eken. Şol sebäpli hem ol semiz we gysga aýakly eken.

*(Günbatar Afrika ertekisi)*



Günlerde bir gün Ananse towşanyňka myhmançylyga barypdyr. Barsa, towşan nahar bişirip oturan eken. Ananse:

– Towşan dost, näme bişirýärsiň? - diýip soraýar.

Towşan bolsa:

– Çorba bişirýärin - diýip, jogap berýär.

Ananse burnuny bürüşdirip:

– Ysy erbet däl eken - diýýär.

Towşan oňa mähir bilen:

– Bir sagat töweregi garaşsaň, taýýar bolar. Isleseň, bileje iýeris - diýip, teklip edýär.

Emma hilegär Ananse: «Häzir munuň ýanynda otursam, maňa kömek et diýip, bir iş buýrar» diýen gorky bilen:

– Dostum, meniň wagtym gaty az, ýöne gowy bir pikirim bar - diýipdir-de, özünden uzyn bir kerep çykarypdyr. - Şu kerebiň bir ujuny gazanyň gapagyna, beýleki ujuny bolsa meniň aýagyma daňaly. Çorba taýýar bolanda sen ýüpi çekersiň, menem şonda gelerin - diýipdir.

Şeýlelikde, Ananse ýola düşüpdir. Köp wagt geçmänkä, ol maýmynyňka barypdyr.

– Salam, maýmyn dost! Näme bişirýärsiň? - diýip soraýar.

Maýmyn:

– Köke bişirýärin. Bir sagada taýýar bolar, otursaň bileje iýeris - diýip, jogap berýär.

Ananse bolsa: «Maýmynyň çagalarynyň galmagaly meni bimaza eder» diýip pikir edip, ýene bahana tapypdyr:

– Men biraz işli, ýöne gowy bir pikirim bar - diýip, ýene bir kerep çykaryp, bir ujuny ojagyň aýagyna, beýlekisini ikinji aýagyna daňypdyr-da, maýmyn bilen hoşlaşyp ýola düşüpdir.

Ananse ýolugra ýene-de birnäçe dostunyňka barypdyr we hemmesine-de şol bir tilsimi ulanypdyr. Ahyrsoňy, sekiz aýagynyň her birine aýry-aýry kerep daňlan Ananse güneşli ýere geçip, ýatypdyr. Ýaňy uka giden mahaly, aýaklarynyň birindäki kerep çekilip başlapdyr. Ananse: «Towşanyň çorbasy taýýar bolan bolmaly» diýip, şol tarapa ýönelmekçi bolupdyr welin, beýleki aýagyndaky ýüp hem çekilipdir. Az salymdan soňra bolsa, ähli aýagyndaky kerepler her tarapa dartylmaga başlapdyr. Her haýsy bir tarapa dartylansoň, Ananse ýerinden hem gymyldap bilmändir.

Kerepler şeýle bir güýçli dartylypdyr welin, ahyrynda olar üzülip gidipdir. Şol dartyşma netijesinde Anansen iň gysgajyk aýaklary süýnüp, inçejik bolup galypdyr.

Şondan soňra Ananse ýaltalygyň ýaramaz endikdigine düşünipdir.

# MIWE BERÝÄN IŇ GARRY AGAÇ

Gresiýanyň Krit adasynda ýerleşýän Ano Wuwes obasyndaky zeýtun agajy dünýäde miwe berýän iň garry daragt hasaplanýar. Goralyp saklanýan gadymy agajy görmek üçin her ýyl 20 müň töweregi adam barýar. Ýabany bitýän zeýtun agajyna sapylan ösümligiň şahalarynyň ýaýrawy 12,5 metre, baldagynyň diametri 4,6 metre barabar. Alymlar zeýtunyň anyk ýaşyny bilmegiň mümkin däldigini belleýärler. Sebäbi agajyň esasy sütüni birnäçe asyr ozal çüýräpdir. Onuň ýerine täze şahalaryň çykmagy bilen daragt bütinleý guraman, saklanyp galypdyr. Daragtyň «täze» çykan şahasynyň ýaşynyň 2 müň ýyllykdygy bellenilýär.

Tokaý ýangyny, ýertitreme, güýçli harasat ýaly tebigy hadysalary başdan geçirendigine garamazdan, agaç henize çenli guraman, miwe bermegini dowam edýär.

Bu obada diňe zeýtun agajy däl, 4 asyrdan bäri miwe berýän üzüm hem bar.



### Agajyň ýaşy nähili kesgitlenýär?

Agaçlar we beýleki ösümlikler diňe janly-jandarlaryň ýaşamagy üçin gerek bolan kislorody bölüp çykarman, howany beýleki kir-kimirlerden hem arassalaýar. Ýer ýüzünde agaçlaryň has köp ýaşanlary hem az däl. Eýsem, olaryň ýaşyny nädip anyklaýarkalar? Eger gören bolsaňyz, agaç kesilende, onuň içinde halka şekiller bolýar. Bu halkalaryň sany agajyň ýaşyny görkezýär. Şeýle hem bu halkalar arkaly geçen ýyllaryň dowamynda howanyň ýagdaýynyň nähili bolandygyny hem bilmek bolýar. Eger halkanyň arasy giň bolsa, onda şol ýylyň ygally bolandygyny, dar bolsa, gurak geçendigini aňladýar. Hatda tokaýda ýangynyň bolup bolmandygyny hem bilmek mümkin. Agajyň ýaşy hasaplananda, ýagşyň köp ýagýan ýerindäkiler bilen gurak ýerlerdäkiler tapawutly bolýar. Agajyň ýaşyny anyklamak üçin ony hökman kesmek zerur däl. Alymlar ýörite usullar arkaly agaçdan nusga alyp, onuň ýaşyny anyklap bilýärler. Häzire çenli anyklanan iň uly ýaşly agaç sosna («Pinus longaeva») bolup, ABŞ-nyň Kaliforniýa ştatyndaky Sýerra-Newada daglarynyň deňiz derejesinden 3275 metr belentlikdäki gerşinde ösüp otyr. Gurap galan agajyň 4900 ýaşandygy aýdylýar.

### Agaçlaryň peýdasy

Agaçlaryň peýdasy sanardan köp. Kökleri daglyk ýerlerde topragyň süýşmeginiň öňüni alýar. Tokaýlarda ösümlikler we haýwanlar üçin tebigy suw çeşmesi saklanýar. Howany aşa gyzmakdan goraýar. Ýoluň gyralaryna ekilen agaçlar, ulaglaryň sesini «özüne siňdirip», galmagaly azaldýar. Gündelik durmuşda ulanylýan zatlaryň köpüsi agaçdan ýasalýar.

# Çigildem

Irbahar gül açýan bu ösümlige dag eteklerinde duş gelmek bolýar. Çigildemleriň birnäçe görnüşi bolup, olaryň käbir görnüşleri ýurdumyzda hem duş gelýär. Suratdaky görnüş ylmy dilde, ýagny latynçada «Tulipa micheliana» diýlip atlandyrylýar. Bu ösümlik Köpetdagda, Kürendagda, dag eteklerinde we baýyrlyklarda duş gelýär. Fewral aýynda ösümligiň ilki iki insiz ýapragy, soňra baldagy ösüp çykýar. Köpýyllyk ösümligiň düýbi sogana meňzeş bolup, sary ýa-da gyzyl owadan güli bolýar. Ösümligiň uzynlygy 15-40 santimetr aralygynda bolýar. Çigildemler adatça bir sany gül açýar. Ýabany görnüşleriniň köp bolşy ýaly, medeni usulda ösdürilip ýetişdirilýän çigildemler hem bar.






# TÄSIN, EMMA DOGRY

- Wenera planetasynda bir gün Ýerdäki bir ýyldakydan hem uzyn.
- Wenera Gün ulgamyndaky iň yssy planetadyr.
- Ýupiteriň diametri Ýeriňkiden 11 esse uzyndyr.
- Gün şöhlesi Ýere 8 minutdan gowrak wagtda gelip ýetýär.
- Saturnyň halkalary buzlardan we daşlardan emele gelen.
- Ýupiteriň Ganimed atly hemrasy Merkuriý planetasyndan hem uludyr.
- Ummanlardaky ösümlikler Ýerdäki kislorodyň ýarysyny bölüp çykarýar.
- Älemgoşary göreniňde Gün hemişe seniň arka tarapyňda galýar.
- Pingwinler guşdugyna garamazdan, uçup bilmeýärler, emma ýüzmäge ökde bolýarlar.
- Garynjalar öz agramyndan birnäçe esse agyr zady göterip bilýärler.
- Kolibriniň ýüregi minutda 1000 gezekden hem çalt urýar.
- Pişikler ömrüniň 70 göterimini ýatyp geçirýärler.
- Ananas miwe däl-de, gök önüm hasaplanýar.
- Ekizekler näçe meňzeş hem bolsalar, barmaklarynyň yzlary tapawutly bolýar.



Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasy çagalaryň we ýetginjekleriň her gün azyndan 1 sagat fiziki taýdan işjeň hereketde bolmagyny maslahat berýär.

**Sowal:** *Emin mekdebe gitmek üçin 15 minut, futbol oýnamak üçin 20 minut, welosipedde gezelenç etmek üçin 15 minut wagt sarp etdi. Emin maslahat berilýän fiziki işjeňlige ýetmek üçin ýene-de näçe minut maşk etmeli?*

## 7 tapawudy tapyň!



## Labirint



## 13-nji SKANWORD




**Serdar TOKGAÝEW,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*

## 19-njy KROSSWORD



**DIKLIGINE:** **1.** Ekilmän, sürülmän ýatan ýer. **2.** «Dil bir süňksiz ..., ýagşyny hem diýer, ýamany hem» (nakyl) **3.** Garyndaşlyk gatnaşygyny aňladýan söz. **4.** Ösmek, boý almak, ulalmak. **6.** Geljek zamandaky, geljekdäki. **7.** Umumyhalk diliniň bir görnüşi bolan ýerli gepleşik. **8.** Üçünji ýöňkemäniň birlik sanyndaky at çalyşmasy. **9.** Keramiki gap-gajyň bir görnüşi. **11.** Milli naharlaryň biri. **12.** Seýil edilýän bagly, gülli-gülälekli ýer. **15.** Awstriýanyň futbol topary. **17.** Mal, bakýan adam. **20.** Himiki element. **21.** Dogumly, gaýratly. **23.** Çeper eser. **24.** Gimalaý dagynyň iň beýik nokady. **25.** Hemişe, mydama. **26.** Gazylyp alynýan gaty halyndaky ýangyç. **30.** Ýylanyň bir görnüşi. **31.** Ýeriň daşky gatlagy. **32.** Gurak ýel, jöwza. **34.** Çäresiz, bialaç. **36.** Ýiti ysly bezeg güli. **37.** Günorta Amerikada bir döwlet. **38.** Agaçlaryň şahalaryndan çykýan ujy ýiti ösüntgi. **39.** Ýollamak, ugratmak. **42.** «Magtymguly, hoş hap içre ýatyrdym,/Emrine uçradym, ... getirdim» (Magtymguly Pyragy). **44.** Gar, ýagyş görnüşinde ýere düşýän atmosfera çygy. **47.** Fransiýanyň kommun şäheri. **49.** Wýetnamda bir derýa.

**KESELIGINE:** **1.** Geometrik şekil. **5.** Taryhyň atasy. **10.** Global kriptowalýuta alyş-çalşygy kompaniýasy. **13.** Düwme, sadap. **14.** Çagalara ideg, gözegçilik etmek bilen meşgullanýan gelin-gyz. **15.** Awtoulagyň bir guraly. **16.** Ikinji gezek, ýaňadan. **18.** Çiginleri giň, egni ýasy bolan adam. **19.** Goraghanalaryň biri. **22.** Gozgalmaýan emläk girewiniň bir görnüşi. **25.** Mal-mülk, baýlyk. **27.** Hepdäniň bir güni. **28.** Höwesli, meýilli. **29.** Müsür ýadygärlikleriniň biri. **31.** Boýdan-başa, tutuş. **33.** Miwe. **35.** Fransuz süýjüligi. **38.** Boýaglar toplumy. **40.** Palma agajynyň miwesi. **41.** Kiçijik turşy almanyň bir görnüşi. **43.** Sözlemiň aýyklaýjy agzasy. **45.** Neýlon matanyň bir görnüşi. **46.** 3 futa deň uzynlyk birligi. **48.** Dişiň daşyny örtýän syrça. **50.** ABŞ-nyň Nýu-Ýork ştaty bilen Kanadanyň serhedinde ýerleşýän şaglawuk. **51.** Bir obanyň ýaşulusy, kethudasy.

12-nji skanwordyň jogaby:



17-nji krosswordyň jogaby:



18-nji krosswordyň jogaby:





Sahypany taýýarlan Täjigözel BÄŞIMOWA.

# ÝER EÝELERINIŇ ÜSTÜNLIGI

**Futbol boýunça Türkmenistanyň Ýokary Ligasynyň täze möwsüminiň 2-nji tapgyrynyň duşuşyklary geçirilip, 2 oýunda ýer eýeleri, 2 oýunda-da myhmanlar ýeňiş gazandy. Duşuşyklarda 16 gol hasaba alyndy. Şeýle-de, bu tapgyrda 3 futbolçy gyzyl kart aldy.**




Çempion «Arkadag» topary öz meýdançasynda «Ahal» toparyny 1–0 hasabynda utdy. Duşuşygyň ýeke-täk goluny 64-nji minutda 11 metrlik jerime urgusyndan Didar Durdyýew geçirdi.

«Merw» bilen «Nebitçiniň» arasyndaky oýunda ýer eýeleri 4–1 hasabynda ýeňiş gazandy. 4-nji minutda Begenç Mämiýewiň geçiren goly bilen öňe saýlanan «Nebitçiniň» derwezesinden ýeňiş gollaryny Mekan Ýazmyradow (13), Abdyresul Abdyýew (22), Ali Haýdarow (34) hem-de Guwanç Berdimyradow girizdi. Duşuşygyň 80-nji minutynda «Nebitçiden» Wezirgeldi Ylýasow 2-nji sary kartdan soň gyzyl aldy.

«Şagadam» topary myhmançylykda «Aşgabat» topary bilen duşuşdy. Çekeleşikli geçen oýunda «Şagadam» topary 2-nji ýarymy 1 oýunçy kem oýnandygyna garamazdan, 3–1 hasabynda ýeňiş gazanmagyň hötdesinden geldi. Duşuşykda «Şagadamyň» gollaryny Söhbet Allanurow (10, ö.d.) bilen Serdar Gulyýew (25, 59) geçirse, ýer eýeleriniň ýeke-täk pökgüsini 30-njy minutda Nurylla Reýimbaýew öz adyna ýazdyrdy. Duşuşygyň 1-nji ýarymynyň ahyrynda, has takygy, 45+3-nji minutda «Şagadamdan» Azizbek Bekçanowyň 2-nji sary kartdan soň, gyzyl kart alandygyny hem belläliň.

«Altyn Asyr» topary hem myhmançylykda «Köpetdag» toparynyň derwezesinden jogapsyz 3 gol girizdi (3–0). Eýýäm 19-njy minutda 1 oýunçysy (Musaguly Zorjanow) gyzyl kart alan «Köpetdagyň» derwezesinden ýeňiş gollaryny Röwşengeldi Halmämmedow (33), Begençmyrat Myradow (55), Mekan Aşyrow (67) geçirdi.

# YZLY-YZYNA 2-nji ÝEŇŞI



Dünýä Ralli çempionatynda möwsümiň 4-nji ýaryşy Horwatiýada geçirildi. Ýurduň Riýeka şäherinde geçirilen ýaryşda «Toyota Gazoo Racing» toparynyň ýaponiýaly sürüjisi Takamoto Katsuta ýeňiş gazandy. Ol 20 tapgyrdan ybarat bolan 300,28 kilometrlik ýaryşy 2 sagat 51 minut 18,8 sekuntda tamamlamagy başardy. Bu onuň karýerasy boýunça gazanan 2-nji ýeňşi bolup, 33 ýaşyndaky pilot mundan öňki tapgyrda, Keniýa Rallisinde-de münberiň iň ýokary basgançagyna çykypdy.

Ýaryşda Katsutadan 20,7 sekunt yza galan finlýandiýaly topardaşy Sami Paýari 2-nji orny eýeledi. Ýeňijiden 2 minut 7,7 sekunt soň pellehana gelen «Hyundia Shell Mobis» toparynyň täze zelandiýaly sürüjisi Haýden Paddon 3-nji orna mynasyp boldy.

Çempionlyk üçin göreşýän «Toyota Gazoo Racing» toparynyň sürüjilerinden Elfin Ewansyň 7-nji bolan ýaryşynda topardaşy Oliwer Solberg 8-nji orny eýeledi.

Geçirilen 4-nji bäsleşikden soň Katsuta utugyny 81-e ýetirip, sanawyň 1-nji basgançagyna beýgeldi. Ozalky lider Elfin Ewans 2-nji orna düşdi. Onuň 74 utugy bar. 68 utukly Oliwer Solberg 3-nji orunda barýar.

Möwsümiň 5-nji ýaryşy 23-26-njy aprelde Ispaniýanyň Kanarýa adasyndaky Las Palmas şäherinde geçiriler.

# ÇEMPION ÜÝTGEMEDI

Golf boýunça erkekleriň arasyndaky 4 uly ýaryşyň möwsümdäki ilkinjisi bolan «Masters Tournament»-de demirgazyk irlandiýaly Rori Makllroý ýeňiş gazandy. Ol ABŞ-nyň Jorjia ştatynda 90-njy gezek geçirilen ýaryşda az ýalňyş goýberip, 276 utuk bilen çempionlyk gazandy. 36 ýaşyndaky meşhur golfçy 4,5 million amerikan dollary möçberindäki pul baýragy bilen sylaglanyp, bu çempionlyk onuň «Masters Tournament»-däki bassyr 2-nji, umumylykda-da uly ýaryşlardaky 6-njy ýeňşidir. Makllroý «PGA Championship»-de 2 (2012, 2014), «U.S. Open»-de (2011) hem-de «The Open Championship»-de (2014) 1 gezek ýeňiji bolupdy. Makllroý amerikaly Taýger Wudsdan (2001–02) soň bu ýaryşda yzly-yzyna 2 çempionlyk gazanan ilkinji golfçy hökmünde hasaba alyndy.

Bu ýylky «Masters Tournament»-de amerikaly Skotti Şeffler 2-nji ýeri eýeläp, 2 million 430 müň amerikan dollary möçberindäki pul baýragy bilen sylaglandy.



# JOKOWIÇ WE NADALDAN SOŇ...



Tennis boýunça Monakoda geçirilen «Monte-Karlo Masters» ýaryşynda italiýaly Ýannik Sinner ýeňiş gazandy. Ol finalda geçen ýylyň çempiony ispaniýaly Karlos Alkarasy 7:6 we 6:3 hasaplar bilen ýeňlişe sezewar etdi. Şunlukda, Sinner Monte-Karlodaky ilkinji, umumylykda-da 8-nji «Masters» ýaryşlarynyň çempionlygyny gazandy. Italiýaly tennisçi «ATP 1000» ýaryşlarynda yzly-yzyna 4 çempionlyk gazanan 3-nji tennisçi bolmagy başardy. Sinnerden öň Nowak Jokowiç bilen Rafael Nadal yzly-yzyna «Masters» ýaryşlarynyň 4-sinde çempionlyk gazanypdy. Sinner geçen möwsümde «Pariž Masters», bu möwsümde bolsa «Indian Wells», «Maýami Açyk» ýaryşlaryndan soň,» Monte-Karlo Masters»-de hem kubogy eýeledi. Alkaras uly ýaryşlaryň finalynda Sinnerden 2-nji gezek asgyn geldi.

* * *

Awstriýanyň Lins şäherinde zenanlaryň arasynda geçirilen WTA 500 Açyk çempionatda russiýaly Mirra Andreýewa ýeňiş gazandy. Ol finalda asly rus bolan Awstriýanyň raýaty, bu ýaryşda 2023-nji ýylyň çempiony Anastasiýa Potapowany 1-nji setde utulsa-da (6:1), 2-3-nji setlerde 6:4 we 6:3 hasaplar bilen ýeňlişe sezewar etdi. Bu onuň WTA-nyň ýaryşlaryndaky 5-nji çempionlygydyr.

# ILKINJI ZENAN TÄLIMÇI

«Bundesliganyň» wekillerinden «Union Berlin» topary şowsuz netijelerden soň tälimçisini çalyşdy. Klub Steffen Baumgartyň ornuna «Union Berliniň» U19 toparynyň tälimçisi Marie-Luize Etany wezipä belledi. 34 ýaşyndaky zenan tälimçi möwsümiň ahyryna çenli berlinlileri türgenleşdirer. Ozalky futbolçy Eta Ýewropanyň TOP 5 çempionatynda, ýagny «Premier Ligada», «La Ligada», «Serie A»-da, «Bundesligada», «Ligue 1»-de tälimçi bolan ilkinji zenan hünärmen hökmünde hasaba alyndy.

«Union Berlin» topary «Bundesligada» möwsümiň tamamlanmagyna 5 tapgyr galanda 32 utuk bilen 11-nji orunda barýar.



# 1-nji duşuşyklaryň netijeleri

UEFA Ýewropa Ligasynda çärýek finalyň 1-nji duşuşyklary geçirildi. Çempionlygyň dalaşgärlerinden «Aston Willa» myhmançylykda «Bolonýany» 3–1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Iňlis klubuna ýeňiş getiren gollary Ezri Konsa (44) bilen Olie Watkins (51, 90+4) geçirdi. Italýan toparynyň ýeke-täk goluny Jonatan Row (90) öz adyna ýazdyrdy. Ýarym finala çykmak ugrunda uly mümkinçilige eýe bolan «Aston Willa» topary UEFA-nyň ýaryşlarynda taryhynda ilkinji gezek yzly-yzyna 8 duşuşykda ýeňiş gazandy. Germaniýanyň «Fraýburg» topary öz meýdançasynda Ispaniýanyň «Selta» toparyny 3–0 hasabynda ýeňip, ýarym finalyň bosagasyndan ilkinji ädimini ätdi. Gollary 10-njy minutda Winçenzo Grifo, 32-nji minutda Ýan-Niklas Beste hem-de 78-nji minutda Mattias Ginter geçirdi. Çärýek finalyň beýleki 2 duşuşygy deňlikde tamamlandy. Ýagny Portugaliýada oýnalan duşuşyklarda «Braga» ispan kluby «Betis» bilen (Grillitç 5 — Hernandes 61 p), «Porto» bolsa iňlis topary «Nottingam Forest» bilen (William Gomes 11 – Fernandes 13 ö.d.) 1–1 hasabynda deňme-deň oýnady.





### ÝER EÝELERINIŇ ÝEŇŞI

● UEFA Konferensiýa Ligasynda-da çärýek finalyň 1-nji duşuşyklary geçirilip, ähli oýunda-da ýer eýeleri ýeňiş gazandy. 3 duşuşyk 3–0, 1 oýun bolsa 2–0 hasabynda tamamlandy.

Ukrainanyň «Şahtýor Donesk» topary öz meýdançasynda Niderlandlaryň AZ toparyny 3-0 hasabynda utdy. Duşuşykdaky gollary donesklileriň brazil oýunçylary geçirip, Pedrinio (72) bilen Alisson (81, 83) tapawutlandy. Şol netije Londonda-da hasaba alnyp, «Kristal Palas» topary Italiýanyň «Fiorentina» toparynyň derwezesinden jogapsyz 3 gol geçirdi. Gollary Mateta (24 p), Mitçell (31) hem-de Ismaila Sarr (90) öz atlaryna ýazdyrdylar. Ispan kluby «Raýo Wallekano» öz meýdançasynda Gresiýanyň «AEK Afiny» toparyny Akomaçyň (2), Lopesiň (45+2) hem-de Palazonyň (74 p) gollary bilen 3-0 hasabynda ýeňdi. Germaniýada «Maýns» Fransiýanyň «Strasbur» toparyny 2-0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Nemes klubunyň gollaryny Sano (11) bilen Poş (19) öz atlaryna ýazdyrdylar.

Braga – Betis: 1-1 /Grillitç 5 – Hernandes 61 p/, Fraýburg – Selta: 3-0 /Grifo 10, Beste 32, Ginter 78/, Bolonýa – Aston Willa: 1-3 /Row 90 – Konsa 44, Watkins 51, 90+4/, Porto – Nottingam Forest: 1-1 /William Gomes 11 – Fernandes 13 ö.d./

Şahtýor Donesk – AZ Alkmaar: 3-0 /Pedrinio 72, Alisson 81, 83/, Kristal Palas – Fiorentina: 3-0 /Mateta 24 p, Mitçell 31, Sarr 90/, Raýo Wallekano – AEK Afiny: 3-0 / Akomaç 2, Lopes 45+2, Palazon 74 p/, Maýns – Strasbur: 2-0 /Sano 11, Poş 19/

# NBA-da pleý-off duşuşyklaryna badalga berler

Amerikanyň Milli basketbol ligasy NBA-da adaty möwsüm tamamlanyp, pleý-off tapgyryna badalga berildi. «Oklahoma Siti Tander» topary 64 ýeňiş bilen Günbatar Konferensiýanyň lideri boldy. «San Antonio Spars» 62 oýunda ýeňiş gazandy. «Denwer Naggetsiň» 3-nji bolan sanawynda «Los Anjeles Leýkers» 4-nji orny eýeledi.



Gündogar Konferensiýada «Detroit Pistons» 82 duşuşygyň 60-synda ýeňiş gazanyp, adaty möwsümi öňdäki orunda tamamlady. «Boston Seltiks» 2-nji, «Nýu Ýork Niks» 3-nji, «Kliwlend Kawaliers» 4-nji orna mynasyp boldy.

Pleý-off tapgyrynda Günbatar Konferensiýasynda «Oklahoma Siti Tanderiň» bäsdeşi pleý-in duşuşyklaryndan soň belli bolar. «LA Leýkers» topary «Hýuston Rokets», «Denwer Naggets» topary «Minnesota Timberwolwes», «San Antonio Spars» bolsa «Portland Treýl Bleýzers» bilen duşuşar.

Gündogar Konferensiýada «Detroit Pistonsyň» garşydaşy pleý-in duşuşyklarynyň ýeňijisi bolar. «Kliwlend Kawaliers» topary «Toronto Reptors» bilen duşuşsa, «Nýu Ýork Niks» topary «Atlanta Hawks» bilen güýç synanyşar. NBA-nyň iň köp çempionlyk gazanan topary «Boston Seltiks» nobatdaky ýeňşini gazanmak üçin ilki «Filadelfiýa 76ers» toparyndan üstün çykmaly bolar.

Pleý-off duşuşyklary 19-njy aprelde başlar. Ilkinji bolup 4 duşuşykda ýeňiş gazan toparlar ýaryşy dowam eder. NBA-nyň final oýunlary-da iýun aýynyň 4-ine başlar.

**Günbatar Konferensiýa:**
Oklahoma Siti Tander – pleý-in duşuşyklarynyň ýeňijisi
LA Leýkers – Hýuston Rokets
Denwer Naggets – Minnesota Timberwolwes
San Antonio Spars – Portland Treýl Bleýzers

**Gündogar Konferensiýa:**
Detroit Pistons - pleý-in duşuşyklarynyň ýeňijisi
Kliwlend Kawaliers – Toronto Reptors
Nýu Ýork Niks – Atlanta Hawks
Boston Seltiks – Filadelfiýa 76ers

# «Arsenalyň» çempionlyk ýolundaky uly ýitgisi

Angliýanyň çempionatynda sanawyň lideri «Arsenal» öz meýdançasynda «Bornmutdan» 2-1 hasabynda asgyn geldi. Soňky 5 duşuşygynda deňme-deň oýnap, 12 duşuşykdan bäri ýeňilmän gelýän «Bornmut» toparynyň gollaryny Krupi bilen Skott öz atlaryna ýazdyrdylar. «Arsenaldan» Gýokereşiň 11 metrlik jerime urgusyndan geçiren goly ýeňşe ýetmedi. Tapgyryň merkezi oýnunda «Mançester Siti» myhmançylykda «Çelsini» O'Raýliniň, Gehiniň hem-de Dokunyň gollary bilen 3-0 hasabynda utdy. Duşuşykda Raýan Şerki 2 asist etdi. 1 oýny kem «Mançester Siti» lider «Arsenal» bilen utuk aratapawudyny 6-a düşürdi. Iki topar ýekşenbe güni Mançester şäherinde duşuşarlar. Soňky çempion «Liwerpul» öz meýdançasynda «Fulhamdan» Ngumoanyň hem-de Salahyň gollary bilen 2-0 hasabynda üstün çykdy. Roberto De Zerbini tälimçilige bellän «Tottenham» topary myhmançylykda «Sanderlanddan» 1-0 hasabynda utulyp, 18-nji orna düşdi. «Mançester Ýunaýted» öz meýdançasynda «Lidsden» Okaforyň geçiren gollary esasynda 2-1 hasabynda ýeňildi. «Lids» topary «Mançester Ýunaýtedi» 1981-nji ýyldan bäri ilkinji gezek çempionatyň çäginde myhmançylykda ýeňmegi başardy.





## PREMIER LEAGUE (32) — 22 gol

**West Ham—Wulwerhempton: 4–0** (Mawropanas 42, 83, Kastelýanos 66, 68), **Arsenal—Bornmut: 1–2** (Gýokereş 35 p — Krupi 17, Skott 74), **Börnli—Braýton: 0–2** (Wiffer 43, 89), **Brentford—Ewerton: 2–2** (Tiago 3 p, 76 — Beto 26, Dýusberi-Holl 90+1), **Liwerpul—Fulham: 2–0** (Ngumoa 36, Salah 40), **K. Palas—Nýukasl: 2–1** (Mateta 80, 90+4 p — Osula 43), **N. Forest—Aston Willa: 1–1** (Williams 38 — Murilio 23 ö.d.), **Sanderland—Tottenham: 1–0** (Mukiele 61), **Çelsi—Man. Siti: 0–3** (O'Raýli 51, Gehi 57, Doku 68), **M. Ýunaýted—Lids: 1–2** (Kazemiro 69 — Okafor 5, 29)

## LA LIGA (31) — 22 gol

**Real Madrid—Žirona: 1–1** (Walwerde 51 — Lemar 62), **R. Sosiedad—Alawes: 3–3** (Suçiç 14, Siwera 27 ö.d., Oskarsson 60 — Çaleta-Sar 3 ö.d., Diýabate 24, Boýe 90+7), **Elçe—Walensiýa: 1–0** (Sepeda 73), **Barselona—Espanýol: 4–1** (F. Torres 9, 25, Ýamal 87, Reşford 89 — Losano 56), **Sewilýa—Atletiko: 2–1** (Adams 10 p, Gudel 45+2 — Boniýar 35), **Osasuna—Betis: 1–1** (Budimir 40 p — Ezzalzuli 7), **Malýorka—Raýo Wallekano: 3–0** (Muriki 36, 40, Wirgili 65), **Selta—Owiedo: 0–3** (Reýna 4, Winiýas 45, 57), **Atletik—Wilýarreal: 1–2** (Guruseta 84 — Kardona 26, Gonzales 45+5), **Lewante—Hetafe: 1–0** (Espi 83)

## SERIE A (32) — 23 gol

**Roma—Pisa: 3–0** (Malen 3, 43, 52), **Kaliari—Kremoneze: 1–0** (Espozito 63), **Torino—Werona: 2–1** (Simeone 6, Kasadei 50 — Boui 38), **Milan—Udineze: 0–3** (Bertezagi 27 ö.d., Ekkelenkamp 37, Atta 71), **Atalanta—Ýuwentus: 0–1** (Boga 48), **Jenoa—Sassuolo: 2–1** (Malinowski 18, Ekuban 84 — Kone 57), **Parma—Napoli: 1–1** (Strefezza 1 — MakTomineý 60), **Bolonýa—Leççe: 2–0** (Froýler 26, Orsolini 90+2), **Komo—Inter: 3–4** (Walýe 36, Paz 45, Da Kunýa 88 p — Turam 45+2, 49, Dumfris 59, 72), **Fiorentina—Lasio: 1–0** (Gosens 28)

## BUNDESLIGA (29) — 34 gol

**Augsburg—Hoffenhaým: 2–2** (Klod-Morris 11, Gregoriç 14 — Granaç 35, Ture 42), **Haýdenhaým—Union Berlin: 4–1** (Gonsak 9, 36, Ziwziwadze 79 — Kwerfeld 75), **Leipsig—Borussiýa M: 1–0** (Diomande 81), **Wolfsburg—Aýntraht: 1–2** (Peýçinowiç 90+7 — Hýoýlunn 21, Kalimuendo 32), **Borussiýa D—Baýer: 0–1** (Andrih 42), **Sankt-Pauli—Bawariýa: 0–5** (Musiala 9, Goreska 53, Olise 55, Jekson 66, Gerreýro 89), **Köln—Werder: 3–1** (El-Mala 7 p, Ahe 65, Bakhaus 90+7 ö.d. — Şmid 75 p), **Ştutgart—Hamburg: 4–0** (Ştiller 21, Fürih 32, Mittelştadt 56, El-Hannus 86), **Maýns—Fraýburg: 0–1** (Höler 47)

### ANGLIÝANYŇ ÇEMPIONATY /PREMIER LEAGUE/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ARSENAL | 32 | 21 | 7 | 4 | 62-24 | 70 |
| 2 | MAN. SITI | 31 | 19 | 7 | 5 | 63-28 | 64 |
| 3 | M. ÝUNAÝTED | 32 | 15 | 10 | 7 | 57-45 | 55 |
| 4 | ASTON WILLA | 32 | 16 | 7 | 9 | 43-38 | 55 |
| 5 | LIWERPUL | 32 | 15 | 7 | 10 | 52-42 | 52 |
| 6 | ÇELSI | 32 | 13 | 9 | 10 | 53-41 | 48 |
| 7 | BRENTFORD | 32 | 13 | 8 | 11 | 48-44 | 47 |
| 8 | EWERTON | 32 | 13 | 8 | 11 | 39-37 | 47 |
| 9 | BRAÝTON | 32 | 12 | 10 | 10 | 43-37 | 46 |
| 10 | SANDERLAND | 32 | 12 | 10 | 10 | 33-36 | 46 |
| 11 | BORNMUT | 32 | 10 | 15 | 7 | 48-49 | 45 |
| 12 | FULHAM | 32 | 13 | 5 | 14 | 43-46 | 44 |
| 13 | KRISTAL PALAS | 31 | 11 | 9 | 11 | 35-36 | 42 |
| 14 | NÝUKASL | 32 | 12 | 6 | 14 | 45-47 | 42 |
| 15 | LIDS | 32 | 8 | 12 | 12 | 39-49 | 36 |
| 16 | N. FOREST | 32 | 8 | 9 | 15 | 32-44 | 33 |
| 17 | WEST HAM | 32 | 8 | 8 | 16 | 40-57 | 32 |
| 18 | TOTTENHAM | 32 | 7 | 9 | 16 | 40-51 | 30 |
| 19 | BÖRNLI | 32 | 4 | 8 | 20 | 33-63 | 20 |
| 20 | W. HEMPTON | 32 | 3 | 8 | 21 | 24-58 | 17 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Erling HOLANN (Mançester Siti) | 22 |
| 2 | Igor TIAGO (Brentford) | 21 |
| 3 | Antuan SEMENÝO (Man. Siti) | 15 |
| 4 | Žoao PEDRO (Çelsi) | 14 |
| 5 | Danni WELBEK (Braýton) | 12 |

### ISPANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LA LIGA/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BARSELONA | 31 | 26 | 1 | 4 | 84-30 | 79 |
| 2 | REAL MADRID | 31 | 22 | 4 | 5 | 65-29 | 70 |
| 3 | WILÝARREAL | 31 | 19 | 4 | 8 | 56-36 | 61 |
| 4 | ATLETIKO M | 31 | 17 | 6 | 8 | 51-32 | 57 |
| 5 | BETIS | 31 | 11 | 13 | 7 | 45-38 | 46 |
| 6 | SELTA | 31 | 11 | 11 | 9 | 44-40 | 44 |
| 7 | R. SOSIEDAD | 31 | 11 | 9 | 11 | 49-48 | 42 |
| 8 | HETAFE | 31 | 12 | 5 | 14 | 27-32 | 41 |
| 9 | OSASUNA | 31 | 10 | 9 | 12 | 37-38 | 39 |
| 10 | ESPANÝOL | 31 | 10 | 8 | 13 | 37-48 | 38 |
| 11 | ŽIRONA | 31 | 9 | 11 | 11 | 33-45 | 38 |
| 12 | ATLETIK B | 31 | 11 | 5 | 15 | 33-45 | 38 |
| 13 | R. WALLEKANO | 31 | 8 | 11 | 12 | 29-38 | 35 |
| 14 | WALENSIÝA | 31 | 9 | 8 | 14 | 34-46 | 35 |
| 15 | MALÝORKA | 31 | 9 | 7 | 15 | 39-48 | 34 |
| 16 | SEWILÝA | 31 | 9 | 7 | 15 | 39-51 | 34 |
| 17 | ALAWES | 31 | 8 | 9 | 14 | 35-46 | 33 |
| 18 | ELÇE | 31 | 7 | 11 | 13 | 39-47 | 32 |
| 19 | LEWANTE | 31 | 7 | 8 | 16 | 35-50 | 29 |
| 20 | OWIEDO | 31 | 6 | 9 | 16 | 24-48 | 27 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Kilian MBAPPE (Real Madrid) | 23 |
| 2 | Wedad MURIKI (Malýorka) | 21 |
| 3 | Ante BUDIMIR (Osasuna) | 16 |
| 4 | Lamin ÝAMAL (Barselona) | 15 |
| 5 | Ferran TORRES (Barselona) | 14 |

### ITALIÝANYŇ ÇEMPIONATY /SERIE A/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | INTER | 32 | 24 | 3 | 5 | 75-29 | 75 |
| 2 | NAPOLI | 32 | 20 | 6 | 6 | 48-31 | 66 |
| 3 | MILAN | 32 | 18 | 9 | 5 | 47-27 | 63 |
| 4 | ÝUWENTUS | 32 | 17 | 9 | 6 | 55-29 | 60 |
| 5 | KOMO | 32 | 16 | 10 | 6 | 56-26 | 58 |
| 6 | ROMA | 32 | 18 | 3 | 11 | 45-28 | 57 |
| 7 | ATALANTA | 32 | 14 | 11 | 7 | 44-28 | 53 |
| 8 | BOLONÝA | 32 | 14 | 6 | 12 | 42-37 | 48 |
| 9 | LASIO | 32 | 11 | 11 | 10 | 32-30 | 44 |
| 10 | UDINEZE | 32 | 12 | 7 | 13 | 38-42 | 43 |
| 11 | SASSUOLO | 32 | 12 | 6 | 14 | 39-43 | 42 |
| 12 | TORINO | 32 | 11 | 6 | 15 | 37-54 | 39 |
| 13 | JENOA | 32 | 9 | 9 | 14 | 38-45 | 36 |
| 14 | PARMA | 32 | 8 | 12 | 12 | 23-40 | 36 |
| 15 | FIORENTINA | 32 | 8 | 11 | 13 | 37-44 | 35 |
| 16 | KALIARI | 32 | 8 | 9 | 15 | 33-44 | 33 |
| 17 | KREMONEZE | 32 | 6 | 9 | 17 | 26-47 | 27 |
| 18 | LEÇÇE | 32 | 7 | 6 | 19 | 21-45 | 27 |
| 19 | WERONA | 32 | 3 | 9 | 20 | 23-55 | 18 |
| 20 | PISA | 32 | 2 | 12 | 18 | 23-58 | 18 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Lautara MARTINES (Inter) | 16 |
| 2 | Anastasios DUWIKAS (Komo) | 11 |
| 3 | Niko PAZ (Komo) | 11 |
| 4 | Rasmus HÝOÝLUNN (Napoli) | 10 |
| 5 | Kenan ÝYLDYZ (Ýuwentus) | 10 |

### GERMANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /BUNDESLIGA/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BAWARIÝA | 29 | 24 | 4 | 1 | 105-27 | 76 |
| 2 | BORUSSIÝA D | 29 | 19 | 7 | 3 | 60-29 | 64 |
| 3 | ŞTUTGART | 29 | 17 | 5 | 7 | 60-38 | 56 |
| 4 | LEIPSIG | 29 | 17 | 5 | 7 | 56-36 | 56 |
| 5 | BAÝER | 29 | 15 | 7 | 7 | 59-39 | 52 |
| 6 | HOFFENHAÝM | 29 | 15 | 6 | 8 | 57-43 | 51 |
| 7 | AÝNTRAHT | 29 | 11 | 9 | 9 | 54-54 | 42 |
| 8 | FRAÝBURG | 29 | 11 | 7 | 11 | 42-47 | 40 |
| 9 | MAÝNS | 29 | 8 | 9 | 12 | 35-44 | 33 |
| 10 | AUGSBURG | 29 | 9 | 6 | 14 | 36-53 | 33 |
| 11 | UNION BERLIN | 29 | 8 | 8 | 13 | 33-50 | 32 |
| 12 | HAMBURG | 29 | 7 | 10 | 12 | 32-45 | 31 |
| 13 | KÖLN | 29 | 7 | 9 | 13 | 43-50 | 30 |
| 14 | BORUSSIÝA M | 29 | 7 | 9 | 13 | 35-49 | 30 |
| 15 | WERDER | 29 | 7 | 7 | 15 | 32-52 | 28 |
| 16 | SANKT-PAULI | 29 | 6 | 7 | 16 | 25-50 | 25 |
| 17 | WOLFSBURG | 29 | 5 | 6 | 18 | 39-65 | 21 |
| 18 | HAÝDENHAÝM | 29 | 4 | 7 | 18 | 32-64 | 19 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Harri KEÝN (Bawariýa) | 31 |
| 2 | Deniz UNDAW (Ştutgart) | 18 |
| 3 | Luiz DIAZ (Bawariýa) | 15 |
| 4 | Serhu GIRASSI (Borussiýa D) | 13 |
| 5 | Kristof BAUMGARTNER (Leipsig) | 12 |





# «Inter» hem-de «Barselona» 9 utuk öňe saýlandy

Italiýanyň çempionatynda çempionlyga barha golaýlap barýan «Inter» myhmançylykda «Komony» kyn hem bolsa 4–3 hasabynda ýeňmegi başardy. «Inter» toparyna ýeňiş getiren gollary Markus Turam (2) bilen Denzel Dumfris (2) derwezä girizdi. 2–0 hasabynda öňe saýlanan «Komonyň» adyndan Walýe, Paz hem-de Da Kunýa tapawutlandy. Häzirki çempion «Napoli» myhmançylykda «Parma» bilen duşuşyp, 1–1 hasabynda deňme-deň oýnady. Neapollylar Strefezzanyň 1-nji minutdaky goluna 60-njy minutda MakTomineýiň goly bilen jogap berdi. «Milan» bolsa öz meýdançasynda «Udinezeden» 3–0 hasabynda asgyn gelip, soňky 4 duşuşykda 3-nji gezek ýeňlişe sezewar boldy. «Atalantany» Boganyň 48-nji minutda geçiren ýeke-täk goly bilen ýeňen «Ýuwentus» 4-nji orna beýgeldi. «Roma» gyşda transfer eden hüjümçisi Donýell Maleniň het-trigi bilen «Pisa» toparyny 3–0 hasabynda ýeňdi. Maleniň «Serie A»-daky gollarynyň sany 10-a ýetdi.



Ispaniýanyň çempionatynda «Barselona» topary şäher derbisinde «Espanýoly» Torresiň (2), Ýamalyň hem-de Reşfordyň gollary bilen 4–1 hasabynda utdy. «Real Madrid» öz meýdançasynda «Žirona» bilen duşuşyp, 1-1 hasabynda deňme-deň oýnady. Walwerdeniň 51-nji minutda jerime meýdançasynyň daşyndan batly urgy bilen geçiren goluna myhmanlar 9 minutdan soň, Tomas Lemaryň edil şoňa meňzeş goly esasynda jogap berdi. Iki toparyň arasyndaky utuk aratapawudy 9-a çykdy. «Atletikonyň» «Sewilýadan» 2–1 hasabynda asgyn gelen tapgyrynda «Wilýarreal» şol hasap bilen myhmançylykda «Atletigi» ýeňlişe sezewar etdi.



# 54 ýyllyk rekordy täzeledi

Germaniýanyň çempionatynda myhmançylykda «Sankt-Pauli» toparyny 5–0 hasabynda ýeňen «Bawariýa» 54 ýyllyk taryhy rekordy täzeledi. Münhenlileriň şu möwsümde çempionatda geçiren gollarynyň sany 105-e ýetip, olar özlerine degişli bolan 1971/72 möwsümindäki 101 golluk rekordy täzelemegi başardy. «Bawariýa» topary taryhynda 3-nji gezek bir möwsümde 100 goldan geçdi. Çempionatyň tamamlanmagyna ýene-de 5 tapgyr galyp, Kompaniniň şägirtleriniň rekordy has-da ösdürmegine garaşylýar. 2-nji ýerdäki «Borussiýa Dortmund» öz meýdançasynda «Baýerden» Andrihiň 42-nji minutda geçiren ýeke-täk goly esasynda 1–0 hasabynda utuldy. 9 utuk öňe saýlanan «Bawariýa» indiki tapgyrda ýeňiş gazansa, dortmundlylar hem ýeňilse, münhenliler nobatdaky çempionlygyny yglan eder.

## Hepdäniň esasy duşuşyklary

**17-nji aprel (anna)**
- Sassuolo – Komo (21:30)
- Inter – Kaliari (23:45)

**18-nji aprel (şenbe)**
- Hoffenhaým – Borussiýa D (18:30)
- **Napoli – Lasio (21:00)**
- Aýntraht – Leipsig (21:30)
- Tottenham – Braýton (21:30)
- Gençlerbirligi – Galatasaraý
- **Roma – Atalanta (23:45)**
- **Çelsi – Man. Ýunaýted (00:00)**
- **Atletiko – R. Sosiedad (final, 00:00)**

**19-njy aprel (ýekşenbe)**
- D. Mahaçkala – Zenit (16:30)
- Aston Willa – Sanderland (18:00)
- **Ewerton – Liwerpul (18:00)**
- Werona – Milan (18:00)
- **Man. Siti – Arsenal (20:30)**
- **Bawariýa – Ştutgart (20:30)**
- Krasnodar – Baltika (21:30)
- **Sporting – Benfika (22:00)**
- Ýuwentus – Bolonýa (23:45)
- **PSŽ – Lion (23:45)**

**20-nji aprel (duşenbe)**
- K. Palas - West Ham (00:00)

**21-nji aprel (sişenbe)**
- **Inter – Komo (00:00)**
- Braýton – Çelsi (00:00)
- Real Madrid – Alawes (00:30)

**22-nji aprel (çarşenbe)**
- **Zenit – Lokomotiw (21:45)**
- PSŽ – Nant (22:00)
- Elçe – Atletiko (22:00)
- Baýer – Bawariýa (23:45)
- Börnli – Man. Siti (00:00)
- **Barselona – Selta (00:30)**
- Atalanta – Lasio (00:00)
- Porto – Sporting (00:45)

**23-nji aprel (penşenbe)**
- **Spartak – Krasnodar (21:45)**
- Al-Hilal – Al-Halud (final, 23:00)
- Ştutgart – Fraýburg (23:45)



Sahypany taýýarlan Hajymyrat SÖÝÜNOW.

# «Atletiko», PSŽ, «Bawariýa» hem-de «Arsenal» ýarym finala çykdy

**UEFA Çempionlar Ligasynda ýarym finala çykan toparlar belli boldy. Ýarym finalda Angliýadan, Ispaniýadan, Germaniýadan hem-de Fransiýadan 1 topar çykyş eder. Ýarym finalçylaryň 2-si atlaryny geçen möwsümde iň gowy 4 toparyň arasyna ýazdyrypdy.**

### «Atletiko» ýene-de «Barselonany» ýaryşdan çykardy

● Geçen hepdäniň dowamynda «Atletiko Madrid» myhmançylykda «Barselonany» 2-0 hasabynda ýeňipdi. Madriddäki jogap duşuşygynyň çekeleşikli we dartgynly geçjekdigi öňünden bellidi. Oýun şeýle-de bolýar. Duşuşygyň entek ýarym sagady dolmanka, katalonlar 2 oýnuň netijesi boýunça umumy hasaby deňläp, janköýerlerini ýene bir kembege ynandyrýar. 4-nji minutda Lamin Ýamal, 24-nji minutda-da Ferran Torres tapawutlanýar. Ýöne garşylyklaýyn hüjümler bilen oýnaýan «Atletiko Madrid» 31-nji minutda geçirden gollarynyň bíriniň öwezini doldy. Bu hasap oýnuň soňuna çenli saklanyp, netijede 2 oýnuň jemi boýunça 3–2 hasabynda üstün çykan «Atletiko Madrid» ýarym finala adyny ýazdyrdy. Duşuşygyň 79-njy minutynda «Barselonadan» Erik Garsiýanyň gyzyl kart alandygyny hem belläp geçeliň. Şunlukda, «Atletiko Madrid» Çempionlar Ligasynda «Barselonany» 3-nji gezek ýaryşdan çykarýar we adyny ýarym finala ýazdyrdy. Iki toparyň 2013/14 hem-de 2015/16 möwsümlerindäki çärýek final duşuşyklaryndan soň, «Atletiko Madrid» ýarym finala çykypdy. Şol möwsümlerde «Atletiko Madrid» finala çyksa-da, soňlugy bilen, şäherdeşi «Real Madridden» asgyn gelipdi. «Atletiko Madrid» topary 8 ýyldan soň 4-nji gezek ýarym finala adyny ýazdyrdy.



### Lissabondaky ýeke-täk gol ýeterlik boldy

● Bir hepde öň Lissabonda «Sportingi» Kai Hawertsiň 90-njy minutdan soň 11 metrlik jerime urgusyndan geçiren ýeke-täk goly bilen ýeňen «Arsenala» ýarym finala çykmak üçin şol ýeňiş ýeterlik boldy. Londondaky duşuşykda iki tarap hem, esasan-da, myhmanlar amatly pursatlary döretselerem hasap açylmady. Şunlukda, 2 oýnuň netijesi boýunça 1-0 hasabynda üstün çykan «Arsenal» bassyr 2-nji, umumylykda-da 4-nji gezek ýarym finalda çykyş eder.



### Parižde-de, Liwerpulda-da şol hasap

● Soňky çempion PSŽ 1 hepde öň Parižde «Liwerpuly» 2-0 hasabynda ýeňipdi. Olar myhmançylykda-da şol hasap bilen «Liwerpuldan» üstün çykmagy başardy. Parižlileri ýarym finala çykaran gollaryň 2-sini hem 72-nji we 90+1-nji minutlarda Usman Dembele geçirdi. Duşuşykda agyr şikes alan «Liwerpulyň» fransuz hüjümçisi Hugo Ekitikeniň 9 aýlap meýdança dolanyp bilmejekdigi habar berildi. Ol Dünýä Kubogyny hem goýbermeli bolar. PSŽ bassyr 3-nji, umumylykda-da 6-njy gezek Çempionlar Ligasynyň ýarym finalynda oýnar.



### Ardanyň, Mbappeniň rekordlary ýeňşe ýetmedi

● Çärýek finalyň jogap oýunlarynyň iň çekeleşiklisi Münhende hasaba alyndy. UEFA-nyň ýaryşlarynda özara iň köp duşuşan 2 toparyň – «Bawariýa» bilen «Real Madridiň» 30-njy duşuşygynda ýeňiş nemes toparynyň tarapynda boldy. Yzly-yzyna 2 gezek garşydaşyny ýeňen «Bawariýa» topary «Real Madrid» bilen deňleşdi. Ýagny indi 2 toparyňam 13 ýeňşi bolup, 4 duşuşyk hem deňlikde tamamlanypdy. Madridden 2-1 hasabynda ýeňiş bilen dolanan «Bawariýa» öz meýdançasynda ýeňil duşuşyk garaşanokdy. Bu hut şeýle hem boldy. Eýýäm 35-nji sekuntda Arda Güler 38 metr uzak aralykdan topy boş derweзä gönükdirip, hasaby açdy. Arda Güleriň bu goly şu möwsümiň, şol sanda «Real Madridiň» şu ýaryşdaky iň çalt goly hökmünde hasaba alyndy. Bu gola ýer eýeleri 5 minutdan soň Pawlowiçiň goly bilen jogap berdi. 29-njy minutda Arda Güler bu gezek jerime urgusyndan owadan gol geçirip, toparyny 2-nji gezek öňe saýlady. 38-nji minutda Harri Keýn tapawutlanyp, şu möwsümdäki ähli ýaryşlary hasaba alanyňda, 50-nji goluny derweзä girizdi. Duşuşygyň 42-nji minutynda Kilian Mbappe «Realy» 3-2 hasabynda öňe geçirdi. Bu onuň Çempionlar Ligasy boýunça şu möwsümdäki 15-nji, umumylykda-da 70-nji goly boldy. Ol 70 gola ýeten iň ýaş, şol sanda umumylykda 5-nji futbolçy diýlip bellige alyndy. Fransiýaly ýyldyz oýunçy 70 gola iň çalt ýeten 3-nji futbolçy bolup (98 oýunda), ondan öňde Lionel Messi (90 oýunda) bilen Robert Lewandowski (93 oýunda) bar. Şeýle-de, Mbappe şu möwsümde UÇL-de myhmançylykdaky oýunlarda 10-njy goluny geçirip, ol bir möwsümde bu görkezijä ýeten ilkinji futbolçy boldy. Bu gol bilen duşuşykdaky umumy hasap 3-nji gezek deňlendi. Ýöne duşuşygyň 86-njy minutynda «Realdan» oýna soň goşulan Eduar Kamawinganyň gereksiz hereketi üçin 8 minutyň dowamynda 2-nji sary we netijede gyzyl kart almagy madridlileriň bar taktikasyny bozdy oturyberdi. 89-njy minutda Luis Diaz «Bawariýany» 2 oýnuň netijesi boýunça öňe geçiren goly derweзä girizdi. 90+4-nji minutda bolsa Olise oýna soňky nokady goýdy we «Bawariýa» duşuşykda 4-3, umumylykda 6-4 hasabynda ýeňşini baýram etdi. «Bawariýa» topary 14-nji gezek ýarym finala çykyp, bu ugurda «Real Madride» golaýlady (17).





### Ýarym final duşuşyklary

● Ýarym finalda PSŽ bilen «Bawariýa» duşuşar. Iki topar 2020-nji ýylda finalda-da duşuşypdy we şonda «Bawariýa» 1-0 hasabynda ýeňiş gazanypdy. Beýleki ýarym finalda-da «Arsenal» bilen «Atletiko Madrid» toparlary finala çykmak üçin özara güýç synanyşarlar. PSŽ bilen «Bawariýa» 28-nji aprelde Parižde, 6-njy maýda Münhende, «Atletiko» bilen «Arsenal» 29-njy aprelde Madridde, 5-nji maýda Londonda duşuşarlar. Final oýny 30-njy maýda Wengriýanyň paýtagty Budapeştdäki «Puşkaş Arenada» geçiriler.

# «B» toparçanyň ýygyndylary

DÜNÝÄ KUBOGYNA
55
GÜN GALDY

Dünýä Kubogy 2026-da «B» toparçadaky ýygyndylaryň iň tejribelisi Şweýsariýanyň ýygyndysy bolup, galan 3-si 2-3-nji gezek çempionata wekilçilik edýär.

Ýer eýeleriniň biri bolan Kanadanyň ýygyndysy mundan öň Dünýä Kubogyna 2 gezek gatnaşyp, bu olaryň 3-nji synanyşygydyr. Bassyr 2-nji gezek ýollanma alan Kanada ýer eýesi hökmünde wekilçilik edip, olaryň şu wagta çenli ýeke ýeňşi hem ýok.




Mundan öňki 6 oýunda-da utulan kanadalylar 2 gol geçirip, 12 gol geçirtdiler. 1986-njy ýylda Fransiýadan 1-0, Wengriýadyr ozalky SSSR-iň ýygyndylaryndan hem 2-0 hasaplar bilen utulan Kanada 36 ýyldan soň Katardaky çempionata gatnaşýar. Bu ýaryşda bolsa Belgiýadan 1-0, Horwatiýadan 4-1, Marokkodan 2-1 hasaplar bilen asgyn gelýär. Alfonso Dewis Kanadanyň DK-däki ilkinji goluny geçiren oýunçy bolup, olaryň 2-nji goly awtogol hökmünde hasaba alynýar.

Pleý-off tapgyrynyň finalynda öňdeabryjy toparlardan Italiýanyň ýygyndysyny 11 metrlik urgularyň netijesinde ýeňip, taryhynda 2-nji gezek Dünýä Kubogyna gatnaşmaga hukuk gazanan Bosniýa we Gersegowinanyň milli topary ilkinji sapar 2014-nji ýylda wekilçilik edipdi. Şol çempionatda Argentinadan 2–1 hasabynda utulanda Ibişewiç ýurduň DK-däki ilkinji goluny geçiren oýunçy bolupdy. Nigeriýadan 1–0 hasabynda asgyn gelen Bosniýa we Gersegowinanyň milli topary Eýranyň ýygyndysyny 3-1 hasap bilen ýeňipdi. Şol oýunda Jeko, Pýaniç hem-de Wrşaýewiç ýeňiş getiren gollary geçiripdiler.

Kataryň ýygyndysy mundan öňki çempionatyň guraýjysy bolup, ol Dünýä Kubogyna gatnaşan 80-nji topar hökmünde hasaba alnypdy. Özlerinde geçirilen ýaryş olar üçin şowly bolmandy. 1978-nji ýyldan bäri DK-niň saýlama tapgyryna gatnaşyp gelýän Kataryň ýygyndysy 4 ýyl öňki çempionatdaky 3 duşuşygynda-da — Ekwadordan 2–0, Senegaldan 3–1 hem-de Niderlandlardan 2–0 hasaplar bilen asgyn gelýär. Kataryň Dünýä Kubogyndaky häzirlikçe ýeke-täk we ilkinji goluny Mohammed Muntari derweзä girizýär.

### IŇ TEJRIBELISI ŞWEÝSARIÝANYŇ ÝYGYNDYSY

● «B» toparçanyň Dünýä Kubogyna gatnaşmakda iň tejribeli topary Şweýsariýanyň milli ýygyndysydyr. 13-nji gezek gatnaşýan şweýsarlaryň mundan öňki 12 synanyşykda görkezen iň ýokary netijeleri çärýek final tapgyry bolýar. Ýöne 3 gezek çärýek finala çykan Şweýsariýa bu başarnygyny 72 ýyldan bäri gaýtalamak başardanok. 1934-nji we 1938-nji ýyllarda hem-de özlerinde geçirilen 1954-nji ýyldaky çempionatda çärýek finala çykýar. 1994-nji, 2006-njy ýyllarda hem-de 2014-nji ýyldan bäri 1/8 finala adyny ýazdyrýar.

Şweýsariýanyň ýygyndysy 1930-njy, 1958-nji, 1970-1990-njy ýyllar aralygyndaky, şol sanda 1998-2002-nji ýyllardaky Dünýä Kubogyna gatnaşyp bilmedi. Şu wagta çenli 41 duşuşyk geçirip, şolaryň 14-sinde ýeňiş gazanýar. 8 oýun deňlikde tamamlanyp, 19-synda utulýar. 55 gol geçiren şweýsarlar 73 gol geçirdýär. Olaryň iň köp gol geçiren futbolçysy Ýosef Hügi bolup, ol Dünýä Kubogynda 6 gezek tapawutlanýar (diňe 1954-nji ýyldaky ýaryşda geçirýär). Şeýle-de, Herdan Şakiriniň 5 goly bolup, ol 14 duşuşyk bilen Dünýä Kubogynda iň köp meýdança çykan şweýsariýaly futbolçydyr. Şweýsarlar Braziliýa bilen (2 deňlik, 1 ýeňliş), Italiýa bilen (2 ýeňiş, 1 ýeňliş), Ispaniýa bilen (1 ýeňiş, 2 ýeňliş), Serbiýa bilen (2 ýeňiş, 1 ýeňliş) 3 gezek duşuşýar. Germaniýanyň ýygyndysy bilenem 4 gezek duşuşyp, 2-sinde utulýar. 1938-nji ýylda Germaniýanyň ýygyndysy bilen 1/8 finalda deňme-deň oýnap, gaýtalanan oýunda-da ýeňýär.

Iň uly hasaply ýeňşi 1954-nji ýylda Italiýany, 1994-nji ýylda-da Rumyniýany 4–1 hasap bilen ýeňmegi bolýar. 1954-nji ýylda özlerinde geçirilen çempionatda goňşusy Awstriýadan 7–2, 2022-nji ýylda Portugaliýadan 6–1, 1966-njy ýylda Germaniýadan 5–0, 2014-nji ýylda Fransiýadan 5–2, 1950-nji ýylda şol wagtky Ýugoslawiýadan, 1962-nji ýylda Italiýadan, 1994-nji ýylda Ispaniýadan 3–0 hasaplar bilen utulmagy, Şweýsariýanyň iň uly ýeňlişleri hökmünde hasaba alynýar.

# Dünýä Kubogy 2026-nyň eminleri mälim edildi

FIFA ýene-de 55 günden Meksikadyr ABŞ-da hem-de Kanadada geçiriljek 23-nji Dünýä Kubogyna gatnaşjak eminleri mälim etdi. Pierluiji Kollinanyň ýolbaşçylygyndaky FIFA eminler komiteti tarapyndan 52 sany baş emin, 88 kömekçi emin hem-de 30 wideo gözegçilik ulgamynyň eminleri sanawa alyndy. 52 baş emin 42 ýurda wekilçilik eder. Argentinadyr Braziliýanyň hersinden 3 baş emin, Meksikadan, ABŞ-dan, Angliýadan hem-de Fransiýadan 2 emin çempionatda jürlewük çalar. Meksikadyr ABŞ-dan gatnaşjak eminleriň biri zenan hünärmenlerdir.




Bu çempionat asly eýranly bolan Awstraliýanyň raýaty Alireza Fagani, meksikaly Sezar Arturo Ramos, polşaly Şimon Marçiniak, fransiýaly Kleman Turpen dagynyň 3-nji Dünýä Kubogy bolar. Ady agzalan bu eminleri hasaba almanyňda, 17 emin 4 ýyl öň Katardaky Dünýä Kubogyna-da gatnaşypdy.



**AFK (AZIÝA):** Omar Al Ali (BAE), Abdulrahman Al-Jassim (Katar), Halid Al-Turais (Saud Arabystany), Alireza Fagani (Awstraliýa), Ma Nin (Hytaý), Adham Mahadmeh (Iordaniýa), Ilgiz Tantaşew (Özbegistan), Ýusuke Araki (Ýaponiýa)

**KAF (AFRIKA):** Omar Abdulkadir Artan (Somali), Pierr Atço (Gabon), Dahane Beida (Mawritaniýa), Mustafa Gorbal (Alžir), Jalal Jaýed (Marokko), Amin Omar (Müsür), Abongile Tom (Günorta Afrika)

**KONKAKAF (DEMIRGAZYK AMERIKA):** Iwan Barton (Salwador), Huan Kalderon (Kosta Rika), Ismail Elfath (ABŞ), Tori Penso (ABŞ), Katia Itzel Garsiýa (Meksika), Sezar Arturo Ramos (Meksika), Oşeýn Neýşin (Ýamaýka), Drýuw Fişer (Kanada), Said Martines (Gonduras)

**KONMEBOL (GÜNORTA AMERIKA):** Ramon Abatti (Braziliýa), Wilton Sampaio (Braziliýa), Rafael Klaus (Braziliýa), Huan Gabriel Benites (Paragwaý), Ýael Falkon (Argentina), Dario Herrera (Argentina), Fakundo Teýýo (Argentina), Kristian Garaý (Çili), Kewin Ortega (Peru), Andres Rohas (Kolumbiýa), Gustawo Tehera (Urugwaý), Hesus Walenzuela (Wenesuela)

**OFK (OKEANIÝA):** Kampbell-Kirk Kawana-Wof (Täze Zelandiýa)

**UEFA (ÝEWROPA):** Espen Eskas (Norwegiýa), Alehandro Hernandes Hernandes (Ispaniýa), Iştwan Kowaç (Rumyniýa), Maýkl Oliwer (Angliýa), Antoni Teýlor (Angliýa), Fransua Leteksie (Fransiýa), Kleman Turpen (Fransiýa), Danni Makkelie (Niderlandlar), Şimon Marçiniak (Polşa), Maurizio Mariani (Italiýa), Glenn Nyberg (Şwesiýa), Žoao Pineiro (Portugal), Sandro Şarer (Şweýsariýa), Slawko Winçiç (Sloweniýa), Feliks Swaýer (Germaniýa).





«Zaman-Türkmenistan» gazetine 2026-njy ýylyň II ýarym ýyllygy üçin abuna ýazylyşygy dowam edýär. Abuna ýazylmak üçin «Türkmenpoçtanyň» islendik şahamçasyna ýüz tutup bilersiňiz!

TÜRKMENISTANYŇ «TÜRKMENISTAN» DÖWLET TÄJIRÇILIK BANKY

«MAŞGALA» BANK KARTY ATLY BANK HYZMATYNY HÖDÜRLEÝÄR

«Maşgala» bank karty müşderiniň «Altyn Asyr» bank kartynyň hasabynda bar bolan serişdelerden peýdalanmaga mümkinçilik berip, maşgala agzalaryna, şol sanda hem 7 ýaşdan uly çagalaryna:

– ýurdumyzyň çäginde başga şähere dynç almaga we syýahatçylyk maksatlary bilen gidenlerinde pul serişdeleri bilen üpjün etmek üçin;

– çagalara we talyplara gerekli okuw esbaplaryny we beýleki harytlary satyn almak üçin;

– maşgala agzalaryna gündelik çykdajylaryny tölemek üçin hem-de nagt däl hasaplaşyklaryň, «Internet bank» we «Mobil bank» hyzmatlarynyň hödürleýän dürli amatlyklaryndan, şol sanda gije-gündiz tertibinde bank kartynyň galyndysyny bilmek, karzlaryň göterimini we esasy bergisini tölemek, telefon, öýjükli telefon, IP telewideniýäniň we internetiň hasabyny doldurmak ýaly amallardan peýdalanmak üçin şert döredýär.

Maşgala bank kartlaryny ulanmak her bir raýat üçin amatlydyr we ygtybarlydyr!

Maşgala bank kartyny açmak üçin «Türkmenistan» döwlet täjirçilik bankynyň Merkezi edarasyna ýa-da şahamçalaryna ýüz tutup bilersiňiz.

Türkmenistanyň «Türkmenistan» döwlet täjirçilik bankynyň Merkezi edarasy boýunça habarlaşmak üçin telefon belgisi:

**44-03-04**

Şahamçalaryň salgylary we telefon belgileri bankyň resmi saýtynda görkezilen.

**www.tnbk.tm**

